# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – IRKI DÖWÜRLERDE YKLYMLARY BIRLEŞDIREN BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNYŇ MÖHÜM BÖLEGI ÝURDUMYZYŇ ÜSTÜNDEN GEÇIPDIR. HÄZIRKI DÖWÜRDE BIZ BU ÝOLY DÖWREBAP GÖRNÜŞDE DIKELTMEK UGRUNDA ÄHLI TAGALLALARY EDÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
15-nji maý, 2026. Belgisi 20/1690



# ULAG ULGAMY — DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BINÝADY

*13-14-nji maýda paýtagtymyzda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň 84-nji halkara mejlisi geçirildi. Bu forum ykdysady gatnaşyklaryň binýadyny pugtalandyrmak bilen bir hatarda, GDA ýurtlarynyň demir ýol edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmegiň ýolunda möhüm ädimdir.*

«Ýyldyz» myhmanhanasynyň mejlisler zalynda guralan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň 84-nji halkara mejlisiniň açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiziň mejlise gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. «2025-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisinde hödürlenen 2026 – 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygy» atly Kararnamanyň taslamasy şol ýylyň ahyrynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan tassyklanyldy. Munuň özi ulag geçelgelerini ösdürmek, durnuklylygyny ýokarlandyrmak we ähli ýurtlar üçin olaryň elýeterliligini üpjün etmek bilen, halkara jemgyýetçiligiň tagallalaryny birleşdirmäge giň mümkinçilikleri açýar» diýip, döwlet Baştutanymyz Gutlagynda belleýär.

Mejlisiň dowamynda demir ýol ulagy edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri çykyş edip, GDA agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň döwletara derejede demir ýol ulagynyň işini utgaşdyrmak, halkara demir ýollar torunyň tehnologik bitewüligini üpjün etmek, bu düzümleri häzirki zaman şertlerinde ösdürmek ýaly wezipeleriň oňyn çözgüdini esasy ugur edinýändigini nygtadylar. Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri bu guramanyň işjeň agzasy bolmak bilen, sebitde ylalaşykly ulag syýasatynyň kemala gelmegine uly goşant goşup gelýär. Bu bolsa sebitiň çäklerinde demir ýol ulagy düzümleriniň sazlaşykly ösdürilmegini, utgaşykly ulag syýasatynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär. Munuň özi GDA-nyň çäklerinde halkara üstaşyr ýükleriň daşalmagynyň ugurlarynyň artmagyny şertlendirýär.

Mejlisde GDA agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň geçen döwürde ýerine ýetiren işleriniň jemlerine garaldy we özara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda geňeşiň iş meýilnamasyndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek babatda gyzyklanma bildirilýän pikir alyşmalar boldy. Çykyş edenler sebitde üstaşyr ýük daşamalaryň möçberini artdyrmakda Türkmenistanyň işjeň orny eýeleýändigini bellemek bilen, ulag düzümlerini düýpli döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek bilen, netijeli halkara hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak arkaly bu ugurda ägirt uly mümkinçilikleriň döredilýändigine ünsi çekdiler. Döwletleriň, sebitleriň we yklymlaryň arasynda dostluk, hyzmatdaşlyk köprülerini gurýan Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynda ulag diplomatiýasyna aýratyn ornuň degişlidigini aýdyp, çykyş edenler GDA agza ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýän mejlisde hut şu ugurlar boýunça özara pikir alşylmagynyň ähmiýetini bellediler.

2023-nji ýylyň maýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda, Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda 26-njy noýabry «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Şeýle-de mejlisde çykyş edenler 2016-njy ýylda Aşgabatda BMG-niň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahatynyň geçirilendigini aýdyp, Türkmenistanyň ulag ulgamynda öňe sürýän başlangyçlarynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändigini nygtadylar. Munuň özi Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi esasy ugur edinýän daşary syýasatynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň beýanydyr.

Häzirki döwürde yklymyň möhüm çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz milli ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli döwrebaplaşdyrýar. Bu bolsa Türkmenistanyň halkara üstaşyr mümkinçilikleriniň artmagyna giň ýol açýar. Şunda ýurdumyzyň çäginden halkara ähmiýetli awtomobil we demir ýollaryň geçýändigini bellemek gerek. Gazagystan – Türkmenistan – Eýran, Kerki – Ymamnazar – Akina halkara demir ýollaryny, Amyderýanyň üstünden geçýän Türkmenabat – Farap demir ýol köprüsini muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Olar halkara ulag ýollaryny birleşdirýän esasy ulag geçelgeleri bolup hyzmat edip, ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçiliklerinden peýdalanmaga gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň sanynyň yzygiderli artmagyny şertlendirýär.

GDA agza ýurtlaryň demir ýol ulagy boýunça Geňeşiniň 84-nji halkara mejlisiniň çäklerinde ikinji «Ýaş demirýolçular» forumy geçirildi. Onda bu ugry sazlaşykly ösdürmegiň strategiýasyny işläp taýýarlamak, demir ýol ulaglary edaralary üçin ýokary hünärli işgärleri ýetişdirmek bilen baglanyşykly meseleler wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi. Demir ýollary ulanmak arkaly üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmegiň geljegi, sebitde ýük daşamalary artdyrmak barada pikir alyşmalar boldy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan halkara giňişlikde durnukly ulag ulgamyny ösdürmekde öňdebaryjy orny eýeleýär. Döwletleriň arasynda ulag aragatnaşygyny ilerletmekde ýurdumyzyň tagallalaryny, bu ugurda gazanylan üstünlikleri we başlangyçlary aýratyn bellemeli. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2026 – 2035-nji ýyllary Durnukly ulagyň onýyllygy diýip yglan etmek hakynda kabul eden Kararnamasynyň durmuşa geçirilmegine goşant goşmak möhümdir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan ýurdumyzyň halkara başlangyçlarynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi Garaşsyz Watanymyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň belende galmagyny şertlendirýär.

Ýurdumyzyň soňky ýyllarda çalt depginde ösýän demir ýol ulgamy täze tapgyra gadam basdy. Bu bolsa Diýarymyzda ulag-aragatnaşyk ulgamyna degişli iri taslamalaryň yzygiderli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň netijesidir. Munuň özi sebitiň çäklerinde Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ulag geçelgeleri boýunça ýük daşamalary artdyrmak, ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçilikleriniň ählumumy derejede peýdalanylmagyny üpjün etmek ugrunda başlangyçlaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna giň ýol açar. Ýurdumyzda demir ýol ulagy boýunça geçirilýän halkara forumlar bu ugurda ýola goýlan gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylmagynda uly ähmiýete eýedir.

## Goşa mukaddesligiň baýramy

**Her ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni dabaraly bellenilýär. Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk bilen birlikde, Esasy Kanunymyz hem-de döwlet nyşanlarymyz türkmen halkynyň döwletliligini, onuň gymmatlyklaryny, maksatlaryny, wezipelerini hem-de döwlet syýasatynyň ugurlaryny şöhlelendirýär.**



**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen täze redaksiýada kabul edilen hem-de jemgyýetimiziň we ýurdumyzyň ösüşiniň täze tapgyrynyň talaplaryna laýyklaşdyrylan Esasy Kanunymyz demokratik, hukuk we dünýewi döwletimizde bitewüligi, kanunyň hökmürowanlygyny we hukuk tertibini şöhlelendirýär.** 3

## «Gadamly» – milli gämi gurluşygynyň buýsanjy

Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň dünýä derejesindäki dabaralanmasy hökmünde, ýurdumyzyň deňiz ulaglary ulgamynda täze bir taryhy sahypa açyldy. Hazar deňziniň kenarynda, döwrebap tehnologiýalaryň jemlenen ojagy bolan «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek «Gadamly» atly gury ýük gämisi gurlup, dabaraly ýagdaýda



ulanmaga berildi. Bu waka diňe bir täze gäminiň ýüzüşe goýberilmegi däl, eýsem, Türkmenistanyň dünýäniň gämi gurluşyk senagatyna ynamly gadam basandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

«Gadamly» gämisiniň gurluşygy türkmen hünärmenleriniň halkara ölçeglerine laýyklykda kämil gämileri gurup bilýändigini görkezdi. Bu taslama dünýäniň öňdebaryjy gämi gurluşyk tejribeleri bilen milli inženerçilik pikiriniň utgaşmasydyr. 3

# «AGRO PACK TURKMENISTAN – 2026» ATLY HALKARA SERGI

*12-14-nji maýda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynyň sergi zalynda «Agro Pack Turkmenistan – 2026» atly halkara sergi geçirildi.*

Arkadagly Gahryman Serdarymyz azyk senagaty pudagyny ösdürmek hem-de ilaty ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli azyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek meselelerini hemişe üns merkezinde saklaýar. Täze ykdysady gatnaşyklary kemala getirmek, oba hojalyk düzümleri üçin bäsdeşlik gurşawyny döretmek, ýer-suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak, daşky gurşawy goramak, oba hojalyk ylmyny, hususan-da, tohumçylygy ösdürmek, täzeçil usullary, öňdebaryjy işläp taýýarlamalary, dolandyryşyň we bazaryň öňdebaryjy usullaryny giňden ornaşdyrmak obasenagat toplumynda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň möhüm ugurlarydyr. Ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek maksadyndan ugur alnyp, anyk çäreler görülýär. Şunda däneçilik, pagtaçylyk bilen bir hatarda, maldarçylyk, guşçulyk, miweçilik, bakjaçylyk, balçylyk we beýleki ugurlar işjeň ösdürilýär. Şu gezekki gözden geçiriliş hem oba hojalyk pudagynda diňe bir ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem, bu pudakda işjeň orny eýeleýän işewür düzümleriň ägirt uly mümkinçiliklerini hem görkezdi.



Ýurdumyzyň önüm öndürijileriniň sergi diwarlyklary daşary ýurtly hünärmenlerde uly gyzyklanma döretdi. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary sanly ulgamyň ornaşdyrylmagynyň ýokary hasyl almaga we önümiň hilini ýokarlandyrmaga nähili ýardam berýändigini aýdyň görkezdiler. Sergä Türkiýeden, Hytaýdan, Russiýadan, Özbegistandan, Azerbaýjandan, Gresiýadan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan öňdebaryjy kompaniýalar gatnaşdylar. Olaryň obasenagat, gaplama we tehnologik enjamlar boýunça ýöriteleşen kärhanalary täze önümlerini, hyzmatlaryny tanyşdyrdylar. Sergä gatnaşyjylaryň giň wekilçilikli düzümi ýurdumyzyň maýa goýum babatda özüne çekijiliginiň barha artýandygyna şaýatlyk edýär.

Sergi meýdançasynda ýyladyşhana hojalyklaryny döwrebaplaşdyrmak, tohumçylyk we ösümlikleri goramak ulgamyndaky iň täze ylmy-tehniki işläp taýýarlamalar uly gyzyklanma döretdi. Daşary ýurtly wekiller sebitiň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän tehnologik çöz-




gütleri hödürläp, özara tejribe alyşmaga taýýardyklaryny tassykladylar. Azyk senagatynyň dürli ugurlaryna bagyşlanan bölümlerde gaýtadan işleýän kärhanalaryň, süýji-köke, et-süýt önümlerini öndürijileriň önümleri görkezildi.

Daşary ýurt kompaniýalary damjalaýyn suwaryş ulgamlary, ekinleri goraýan mineral dökünleri, tohumlary we önümleri gaplamagyň, olary belgilemegiň tehnologiýasy bilen öz diwarlyklarynda tanyşdyrdylar. Şeýle hem logistika, halkara söwda gatnaşyklaryny kämilleşdirmek boýunça hyzmatlary hödürleýän halkara düzümleriň diwarlyklary ünsi çekdi.

Serginiň çäklerinde dürli tanyşdyrylyş çäreleri geçirildi. Olarda taraplar innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, maýa goýumlary çekmek barada pikir alyşdylar. Hünärmenleriň we bilermenleriň bellemeklerine görä, bu halkara gözden geçiriliş diňe bir gazanylan üstünlikleri görkezmek däl, eýsem, täze işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak üçin hem netijeli meýdançadyr.




Umuman, «Agro Pack Turkmenistan – 2026» atly halkara sergi örän netijeli häsiýetde geçip, ýurdumyzyň ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda, şol sanda obasenagat toplumynda dünýäniň iň öňdebaryjy tejribesini öwrenmäge we ornaşdyrmaga açykdygynyň nobatdaky aýdyň beýany boldy.



## Ewerest dagyna çykmak möwsümi açyldy

Dünýäniň iň beýik nokady bolan Ewerest dagyna çykmak üçin bahar möwsümi açyldy hem-de daga dyrmaşyjylaryň geçjek ýoly resmi taýdan tassyklandy. 2



## Ganwe – Afrikanyň Wenesiýasy

Günbatar Afrikada ýerleşýän Ganwe obasy täsin däp-dessurlary we durmuş ýörelgeleri bilen tapawutlanýar. «Afrikanyň Wenesiýasy» diýlip atlandyrylýan bu oba Nokue kölüniň merkezinde ýerleşýär. 4



## Ýokary gitdigimizçe howa näme üçin sowaýar?

Dagyň iň belent ýerleriniň temperaturasy Güne has ýakyn bolandygy sebäpli, yssy bolaýjak ýaly. Emma bu tersine, ýokary gitdigimizçe howa gyzanok-da, gaýtam sowap ugraýar. 5




## UEFA final oýunlarynyň eminlerini kesgitledi

UEFA 20-30-njy maý aralygynda geçiriljek 4 klub ýaryşynyň final oýunlarynyň eminlerini mälim etdi. 6



# KÖPÝYLLYK NETIJELI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

**13-nji maýda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow duşuşdy.**

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Kazan Kremline bardy. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow mähirli garşylady.

Milli Liderimiz we Rustam Minnihanow bilelikde Kazan Kremliniň töweregini synladylar. Soňra Gahryman Arkadagymyz bilen Tatarystanyň Baştutanynyň arasynda ikiçäk duşuşyk geçirildi.

Rustam Minnihanow belent mertebeli türkmen myhmanyny ýene bir gezek mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edendigi üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi we köp ýyllaryň dowamynda durnukly ösdürilýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýetini belledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Türkmenistany we Tatarystany çuňňur taryhy kökleriň, medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygynyň baglanyşdyrýandygyny aýtdy.

Dostlukly ýurduň Baştutany türkmen-rus strategik hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolan sebitara dialogy ösdürmäge berýän yzygiderli ünsi we goldawy üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, özara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki derejesini kanagatlanma bilen belledi.

Söhbetdeşler dürli pudaklarda durmuşa geçirilýän bilelikdäki taslamalaryň netijelerine aýratyn üns berip, gatnaşyklaryň gerimini giňeltmegiň möhümdigini tassykladylar. Yzygiderli amala aşyrylýan ýokary derejeli saparlardyr duşuşyklar hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge itergi berýär.

Ikiçäk duşuşyk tamamlanandan soňra, iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowyň arasynda resmi duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň öňüsyrasynda wekiliýet ýolbaşçylary Döwlet baýdaklarynyň öňünde ýadygärlik surata düşdüler.

Rustam Minnihanow çakylygy kabul edendigi üçin belent mertebeli myhmana ýene bir gezek hoşallyk bildirip, Tatarystanda Gahryman Arkadagymyzyň şu gezekki saparyna dostlukly gatnaşyklaryň mizemezliginiň we strategik hyzmatdaşlygyň nobatdaky subutnamasyna öwrülýän ähmiýetli waka hökmünde garalýandygyny nygtady.

Şeýle-de ol türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan binýady goýlup, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň iki halkyň bähbidine tagallalary utgaşdyrmak üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyza mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Rustam Minnihanow Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň ähmiýetine ünsi çekdi.

Gahryman Arkadagymyz çakylyk we myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, Kazanda geçirilýän halkara forumlara gatnaşmagyň türkmen tarapy üçin asylly däbe öwrülendigini, Tatarystanyň paýtagtynyň bolsa hemişe aýratyn hormat we ýürekdeşlik bilen garşylaýandygyny belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Rustam Minnihanowa iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum – 2026» XVII halkara ykdysady forumynyň Tatarystanyň barha artýan halkara abraýyna şaýatlyk edýändigini aýtdy hem-de Kazanyň şu ýylda «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli Rustam Minnihanowy we Tatarystanyň halkyny tüýs ýürekden gutlap, bu forumyň üstünlikli geçmegini arzuw etdi. Milli Liderimiz ýurdumyzyň wekiliýetiniň şu gezekki saparynyň Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň möhüm bölegi bolan ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge uly goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Türkmenistanyň şeýle forumlara işjeň gatnaşýandygyny, däp bolşy ýaly, ýurdumyzyň nobatdaky foruma milli pawilýony bilen gatnaşmagynyň hem muňa aýdyň şaýatlyk edýändigini nygtady. Söhbetdeşligiň dowamynda iki halkyň doganlyk gatnaşyklarynyň köpasyrlyk däplere, ruhy-medeni umumylyga, özara hormat goýmaga esaslanýandygy, ýokary derejedäki yzygiderli duşuşyklaryň ulgamlaýyn hyzmatdaşlygyň binýady bolup durýandygy bellenildi.

Şeýle hem sanlylaşdyrmak, ýokary tehnologiýalar ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlaryna aýratyn üns berildi. Gahryman Arkadagymyz Russiýanyň IT merkezi hökmünde Tatarystanyň tejribesine ýurdumyzda uly gyzyklanma bildirilýändigini we tehnoparklar, ykdysadyýete sanly çözgütleri ornaşdyrmak boýunça ýola goýlan hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini belledi. Şunuň bilen bir hatarda, nebitgaz, senagat, ulag-logistika ulgamlarynda hyzmatdaşlyk üstünlikli ösdürilýär. Aşgabadyň hem-de Kazanyň arasyndaky yzygiderli amala aşyrylýan howa gatnawlary işewürlik we ynsanperwer gatnaşyklary işjeňleşdirýän möhüm şert hökmünde görkezildi. Ynsanperwer ulgam özara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolmagynda galýar. Häzirki wagtda Tatarystanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde türkmen talyplarynyň müňlerçesi bilim alýar.

Milli Liderimiz bilim edaralarynyň arasyndaky göni gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň zerurdygyny nygtap, «Tatar gyzy – 2026» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryny Aşgabatda geçirmegiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy. Tatarystan Respublikasynyň Baştutany ikitaraplaýyn medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň ähmiýetini belläp, Gahryman Arkadagymyzyň bu teklibini goldaýandygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri hem-de Tatarystan Respublikasynyň Baştutany şu gezekki saparyň Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynam bildirip, iki ýurduň doganlyk halklaryna parahatçylyk we rowaçlyk arzuw etdiler.

## Elektroulag satuwynyň artyşy dowam edýär

Dünýäde elektroulag satuwy aprel aýynda 6% artyp, 1,6 milliona ýetdi. Edarasy Londonda ýerleşýän «Benchmark Mineral Intelligence» kompaniýasynyň maglumatyna görä, Ýewropa elektroulag satuwynda öňdeligi eýeledi. Sebitde mart aýynda hem bu ugurda rekord goýlupdy. Geçen aýda bolsa, artyş dowam edip, elektroulag satuwy 400 müňden geçdi.

Hytaýda bolsa, elektroulag satuwy 8% azalyp, 850 müň bolupdyr. Şeýle-de bolsa, ýurduň elektroulag eksporty artypdyr. Bir aýyň dowamynda ýurt 400 müňden gowrak elektroulag eksport edipdir. Ýylyň 4 aýynda bolsa, jemi 1,4 million elektroulag daşary ýurtlara iberilipdir. Ýewropa, Günorta Amerika we Günorta-Gündogar Aziýa ýaly ýurtlarda hytaý elektroulaglarynyň satuwy artdy.

ABŞ-da we Kanadada elektroulag satuwy azalan bolsa, Meksikada ösüş gazanylypdyr. Ýylyň başyndan bäri dünýäde jemi 5,6 million elektroulag satylypdyr.

**Ybraýym PARAHADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Gadymy emeli ada tapyldy

Şotlandiýada 5 müň ýyl ozal adam eli bilen döredilen emeli adanyň üsti açyldy. Deňiz arheologlary Lýuis adasynda Loç Borgasteýl atly köldäki kiçijik adanyň daş bilen örtülen üstki gatlagynyň astynda uly agaç platformanyň bardygyny anykladylar. Soutgempton hem-de Reding uniwersitetleriniň bilermenleri tarapyndan amala aşyrylan iş ýalpak suwly ýerlerde arheologik ýazgy etmäge mümkinçilik berýän täze tehnologiýa arkaly amala aşyryldy. Adanyň golaýynda dürli gap-gaçlaryň hem üstünden baryldy.

«Advances in Archaeological Practice» atly žurnalda çap edilen makalada adanyň neolit döwründe gurlandygy we soňky ýyllarda hem adamlar tarapyndan gaýtadan ulanylandygy mälim edildi.

Şotlandiýada, Irlandiýada we Gallerde irki döwürlerde köllerde, batgalyklarda, aýlaglarda «crannog» diýlip atlandyrylýan emeli adalar döredilipdir. Bu gurluşlaryň näme maksat bilen ulanylandygy häzire çenli anyklanmady. Bu adalary gurmak üçin agaçlardan, dokalan hyşalardan we daşlardan peýdalanylypdyr.

**Jemile PIRJIKOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň talyby.*

## Syýahatçylyk girdejileri artýar

Bütindünýä Syýahat we syýahatçylyk geňeşiniň (WTTC) taýýarlan täze maglumatyna görä, 2026-njy ýylda pudagyň dünýä ykdysadyýetine uly goşant goşjakdygy bellenilýär. Maglumata görä, bu pudak ýylyň dowamynda dünýä ykdysadyýetine 12 trillion dollar goşant goşar. Bu bolsa, jemi içerki önümiň 9,9%-ini emele getirer. Pudagyň ösüşiniň ortaça ykdysady ösüşden has köp, ýagny 3,2% bolmagyna garaşylýar. Maglumatda Ýewropada syýahatçylyk pudagynyň girdejisiniň 1 göterim artjakdygy, Italiýada (3,8%) we Ispaniýada (3,7%) has köp ösüş gazanyljakdygy bellenilýär. Ýewropada halkara syýahatçylaryň sanynyň 7,1% artjakdygy bellenilýär.

Geljek 10 ýylda bu pudakda 89 million täze iş orny dörär. Geçen ýyl daşary ýurtly syýahatçylaryň sarp eden puly 2 trillion amerikan dollaryndan ýokary bolup, ozalky ýyldakydan 3,2% artypdyr.

**Abdylmuhammet ABYLLAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

## Aşgabat – gözelligiň we ösüşiň şäheri

Diýarymyzyň ähli ýerini gurşap alan giň gerimli şähergurluşyk maksatnamalarynyň çäklerinde paýtagtymyz Aşgabadyň keşbi düýpgöter özgerdi. Ol dünýäniň iň owadan hem-de ýaşamak üçin amatly şäherleriniň biri hökmünde tanalýar. Ak mermerli paýtagtymyzda gurulýan durmuş maksatly binalardyr beýleki desgalar halkymyzyň ýokary ýaşaýyş derejesini üpjün edýär. Aşgabat dünýäniň ösen şäherleriniň biri hökmünde



ykrar edilýär. Paýtagtymyzda gurulýan desgalar gaýtalanmajak özboluşly sungat eseri hasaplanýar. Ajaýyp binalar we gür bagly seýilgähler Aşgabadyň gündizki görküne görk berse, gijeki täsin yşyklar ony has-da gözelleşdirýär. Paýtagtymyzyň gözellikleriniň Ginnesiň rekordlar kitabyndan orun almagy biziň her birimizi buýsandyrýar. Gadymy döwürlerde ýurdumyzyň çäginden geçip, sebitleri ýakynlaşdyrýan dostluk ýollary halklaryň köňüldeşliginiň, aýdyň maksatlara barýan ýollardaky bitewüliginiň alamaty bolupdyr. Bu taryhy ýollar döwrebap ösdürilýär.

Aşgabatda şähergurluşyk maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi ulgamlaýyn we toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, ol paýtagtyň çäklerini giňeltmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli döwrebaplaşdyrmak hem-de şäher düzümine iň täze innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýörelgelerine esaslanýar. Bu maksatnamada diňe bir aýratyn binalaryň gurluşygyny däl, eýsem, tutuş şäher gurşawynyň bitewi binagärlik keşbini we amatly infrastrukturasyny kemala getirmek göz öňünde tutulýar.

Maksatnamanyň iň möhüm tapgyrlarynyň biri hökmünde şäheriň günbatar we demirgazyk böleklerinde gurlan ýaşaýyş toplumlaryny, hususan-da, «Parahat – 7» we «Täze zaman» ýaly uly ýaşaýyş toplumlaryny görkezmek bolar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde paýtagtymyz diňe bir döwlet dolandyryş merkezi däl, eýsem, milli medeniýetiň we ykdysady kuwwatyň nusgasyna öwrülip, ak mermerli binalaryň iň köp gurlan şäheri hökmünde dünýäniň ünsüni özüne çekdi. Şäheriň binagärlik keşbinde amala aşyrylýan gurluşyklar diňe bir sany we möçberi bilen däl, eýsem, hil taýdan täzeçilligi we innowasion çemeleşmeleri bilen hem tapawutlanýar. Pudagyň ösüşi döwletiň yzygiderli goldawy hem-de ýerli hususy kärhanalaryň tejribesiniň artmagy netijesinde ýokary depginlere eýe boldy. Paýtagtda ýerleşýän muzeýler, teatrlar we medeni merkezler türkmen halkynyň baý taryhyny hem-de medeni mirasyny dünýä görkezýär.

Köpetdagyň eteginde ýerleşýän şäheriň daş-töweregi dag görnüşleri bilen aýratyn täsir galdyrýar. Şäheriň gülleri we baglary myhmanlary özüne çekýär.

Aşgabat milli medeniýetiň baýlygy we döwrebap ösüşiň utgaşýan şäheridir. Onuň giň köçeleri, tämiz howasy we ajaýyp binalary her bir adamy haýrana goýýar.

**Akgül BAÝLYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Zehinleri taplaýan dil hepdelikleri

Mälim bolşy ýaly, daşary ýurt dillerini öwrenmek, öwretmek ýurdumyzda alnyp barylýan dil syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ösen jemgyýetimizde daşary ýurt dillerini bilmek durmuş zerurlygyna öwrüldi. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyplary hem türkmen diliniň hem-de daşary ýurt dilleriniň inçe syrlaryny kämil özleşdirýärler. Häzirki döwürde talyplaryň arasynda köpdillilik düşünjesi barha ýaýbaňlanýar. Bu ýokary okuw mekdebinde talyplaryň hünär hökmünde saýlap alan daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmegi, sözleýiş endiklerini we başarnyklaryny



yzygiderli kämilleşdirmegi üçin okadylyşyň, dil öwretmegiň dürli tärlerinden peýdalanylýar. Okuw işlerinde milli mazmunly nusgawy usullar bilen birlikde, dünýä tejribesiniň gazananlaryndan hem netijeli peýdalanylýar.

Institutda talyplaryň hünär taýýarlygy boýunça ukyp-başarnyklaryny artdyrmak, zehinlerini ýüze çykarmak meselesine aýratyn üns berilýär. Bu babatda öwrenilýän dilleriň hepdelikleriniň geçirilip durulmagy uly ähmiýete eýe bolýar. Bu hili guralýan çärelerde bir hepdäniň dowamynda şol diliň gepleşilýän ýurduna gaýybana syýahat edilýär. Dil hepdeliklerinde hünär dilinde sahnalaşdyrylan oýunlaryň görkezilmegi, çeper okaýyş, suhangöýlük, terjimeçilik, hatdatlyk, erkin temadan düzme ýazmak boýunça zehin bäsleşikleriniň guralmagy, dili öwrenilýän ýurtlaryň medeniýeti we sungaty, halklaryň däp-dessurlary, tagamlary bilen tanyşdyrylmagy, açyk hem-de göreldeli okuw sapaklarynyň geçirilmegi örän täsirli bolýar.

Ýakynda geçirilen şeýle dil hepdelikleriniň biri türk diline bagyşlandy. Doganlyk halkyň dilini öwrenýän talyplar hepdäniň dowamynda özleriniň zehin başarnyklaryny görkezdiler. «Dil bilen dünýäni gezer» diýen şygar astynda geçirilen dil hepdeliginde «Gadymy sözler – müdimi sözler», «Söz manysyny aňar bolsaň...» diýen temalardan geçirilen baýramçylyk söhbetdeşlikleri oňa gatnaşanlarda uly gyzyklanma döretdi. Mälim bolşy ýaly, türkmen we türk dilleriniň taryhy köki birdir, ruhy gymmatlyklary umumydyr. Şu nukdaýnazardan, gadymy oguz diliniň ulanyşdan galan köp sözlerini türkmen dilinden ýa-da türk dilinden tapmak mümkin. Muňa gut, saw, kok, üýn, deňiz, guzaý (kuzeý), degil, temmel, orman, çimen, çörek ýaly ençeme sözleri mysal getirmek mümkindir.

Türk dili hepdeliginiň jemleýji dabarasynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygyna bagyşlanyp, ýurdumyzda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler barada wideoşekilli çykyşlar guraldy. Ýunus Emräniň, Garajaoglanyň, Magtymguly Pyragynyň goşgulary, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserlerinden parçalar hünär dilinde okaldy, türk aýdymlary ýaňlandy, joşgunly tanslar ýerine ýetirildi, türk halkynyň toý däpleri we tagamlary bilen tanyşdyryldy.

**Enara SÄDIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## Ewerest dagyna çykmak möwsümi açyldy

Dünýäniň iň beýik nokady bolan Ewerest dagyna çykmak üçin bahar möwsümi açyldy hem-de daga dyrmaşyjylaryň geçjek ýoly resmi taýdan tassyklandy. Bu barada daga çykmagy guraýan «Seven Summit Treks» kompaniýasy habar berdi. Bellenilişi ýaly, şerpalardan emele gelen topar dagyň depesine çenli baryp, gerekli ýüpleri düşäp, geçiljek ugry kesgitläpdirler. Ewerestiň esasy düşelgesinden çür depä çenli barýan ýoluň resmi taýdan açylandygy hem mälim edildi.



Nepalyň Syýahatçylyk ministrligi bu ýyl 425 daşary ýurtla Ewereste çykmaga rugsat berlendigini mälim etdi. Müňden gowrak şerpa bolsa olara ýolbeletlik eder. Adatça, daga çykmagyň bahar möwsümi aprel-maý aýlarynda 1,5 aý töweregi bolýar. Emma bu ýyl ýoluň ugrundaky buzluklaryň biriniň döwülmegi sebäpli bu möwsüm yza süýşürildi.

Daga dyrmaşyjylar ýoluň ugrunda gurlan çadyrlarda düşläp geçýärler. Dagyň 5 müň 400 metr belentliginde esasy düşelge bar. Ondan aňyrda bolsa, ýene-de 4 sany düşelge bar. Daga dyrmaşyjylar esasy düşelgeden geçensoň, ilki bilen Humbu buzlugyndan geçmeli bolýarlar. Ondan soňra Günbatar sirki atly giň we tekiz jülge bar. Esasy düşelgeden ýokardaky birinji düşelge 6 müň 100, 2-nji düşelge 6 müň 400 metr belentlikde şol jülgede ýerleşýär. Ondan soňra daga dyrmaşyjylar 7 müň 400 metr belentlikde Lhotze dagy görünýän 3-nji düşelgä hem-de 8 müň metr belentlikdäki Günorta gerişdäki 4-nji düşelgä barýarlar.

**Aýjahan ALLANAZAROWA,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň mugallymy.*

## Türkmen türgenleriniň uly üstünligi

9-10-njy maýda Täjigistan Respublikasynyň Hujand şäherinde geçirilen uşu boýunça Merkezi Aziýanyň Kubogynda Türkmenistanyň ýygyndysy uly üstünlige eýe boldy. Ýaryşa 5 döwletden – Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Özbegistandan, Täjigistandan we ýurdumyzdan 500-den gowrak türgen gatnaşdy.




Şeýlelikde, Türkmenistanyň ýygyndysy uşu boýunça geçirilen Merkezi Aziýanyň Kubogy ýaryşynda 14 medalyna eýe boldy. Şolaryň 11-si altyn, 3-si bürünç medallardyr. Ýurdumyzyň wekilleri toparlaýyn ýaryşda hem ýeňiji boldy. Her ýyl geçirilýän ýaryşa türkmen türgenleriniň arasynda öňki ýyllarda hem gatnaşyp, medally dolananlary bar.

Altyn medala Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby Tirkişgeldi Garajaýew (70 kg), S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby Hezret Öwezgeldiýew (65 kg), Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby Oguldursun Azimowa (52 kg), Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary Bibimerýem Akmuhammedowa (56 kg), Merjen Joraýewa (60 kg), Oguljahan Halymowa (65 kg), Nurana Atamuradowa (70 kg), Ogulmerjen Nuraýewa (75 kg), Baýrammyrat Annamyradow (60 kg), Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby Şahruh Şeraliýew (56 kg), Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň Raýatlyk, wiza we daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyş bölüminiň gözegçisi Tejen Hommadow (+100 kg) mynasyp boldular.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary Eziz Çolukow (80 kg) bilen Wekilhan Batyrow (65 kg) hem-de Aşgabat şäherindäki 113-nji orta mekdebiň okuwçysy Hanmuhammet Baýramalyýew (70 kg) dagy bürünç medalyň eýeleri boldy.

## Deňze çykmak üçin kanal gurulýar

Hytaýyň içerki sebitlerini deňze birikdirmek maksady bilen iri taslama durmuşa geçirilýär. Uzynlygy 134 kilometr boljak Pinglu kanaly gury ýer arkaly gatnadylýan ýüki suw ulaglary arkaly daşamaga mümkinçilik berer. Kanalyň ugrunda ini 20 metre, uzynlygy 240 metre ýetýän geçelge guruldy. Bu ötük ýabany janly-jandarlaryň geçmegi üçin niýetlenipdir. Şol sebäpli onuň üstüne asfalt düşelmän, toprak bilen örtülipdir. Bu ýerde ýabany pişikler, belkalar we beýleki jandarlar ýaşaýar. Şol sebäpli köpriniň üstüne agaçlar we beýleki ösümlikler hem ekilipdir.



Suw geçelgesiniň şu ýylyň dowamynda açylmagyna garaşylýar. Kanal ýurduň günortasyndaky Guansi-Çžuans awtonom sebitini boýdan-başa kesip geçýär.

Kanalyň ulanmaga berilmegi bilen 5 müň tonna çenli bolan gämiler senagat taýdan ösen Nannin şäherinden Bakbu aýlagyna çenli baryp biler. Mundan ozal gämiler bu aralygy egrem-bugram ýollardan geçmeli bolýardylar. Täze kanal bu aralygy 560 kilometr gysgaldar.

Kanal ýurduň içerki sebitlerinde öndürilen önümleri deňiz arkaly alys ýurtlara, esasan, ASEAN ýurtlaryna ugratmaga mümkinçilik berer.

**Gurbanmyrat REJEPOW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 15-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118670
Belgisi: 20/1690
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Türkmen-britan ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürilýär

London şäheri dünýäniň maliýe we söwda merkezleriniň biridir. Häzirki wagtda türkmen telekeçileri we döwlet kärhanalary uly mümkinçilikleriň bosagasynda dur. Soňky aýlarda türkmen-britan ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňleşmegi, aýratyn-da 2026-njy ýylyň maý aýynda Londonda meýilleşdirilen täze işewürlik forumlary hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna badalga berýär.

2026-njy ýylyň maý aýynyň 9-16-sy aralygynda türkmen telekeçilerinden ybarat bolan wekiliýetiň Beýik Britaniýanyň paýtagty London şäherine sapary meýilleşdirildi. Günbatar London Söwda edarasynyň çakylygy boýunça amala aşyrylýan bu sapar diňe bir tejribe alyşmak däl, eýsem, türkmen önümleriniň Ýewropa bazarlaryna çykmagy we iň döwrebap tehnologiýalaryň ýurdumyza getirilmegi üçin möhüm ädimdir.

Londona saparynyň dowamynda türkmen tarapy köp sanly işewürlik duşuşyklary geçirdi. Duşuşyklarda söwda-ykdysady, ylym-bilim ulgamyndaky gatnaşyklara aýratyn orun berildi. Şu ýylyň fewral aýynda Londonda geçirilen «Merkezi Aziýa – Beýik Britaniýa» formatyndaky duşuşyklarda Türkmenistanyň wekiliýeti London gazna biržasynda (LSE) bazaryň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Bu bolsa geljekde ýurdumyzyň döwlet we hususy kärhanalarynyň halkara maýa goýumlaryny çekmek üçin britan gazna bazaryndan peýdalanyp biljekdigini subutnamasydyr.




Londonda geçirilen halkara energetika forumlarynda Türkmenistan özüniň iri taslamalaryny tanyşdyrdy. Britan maýadarlary üçin aşakdaky taslamalar aýratyn gyzyklanma döredýär. «Galkynyş» gaz käniniň özleşdirilmegi babatda hyzmatdaşlyk üçin oňat mümkinçilikler bar. Sebäbi Beýik Britaniýanyň meşhur «GaffneyCline» kompaniýasynyň garaşsyz baha bermegine görä, bu gaz käniniň gorlary boýunça çykarylan görkezijiler ýurdumyzyň dünýäde gaz senagatyndaky ornuny has-da berkitdi. Şeýle hem britan kompaniýalary bilen uglerod zyňyndylaryny azaltmak we ekologiýa taýdan arassa energiýa geçmek baradaky täze başlangyçlar boýunça hyzmatdaşlyk etmäge giň mümkinçilikler bar.

Şu ýylyň mart aýynda Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň Aşgabatda Birleşen Patyşalygyň maliýe we degişli hünär hyzmatlary pudagyna wekilçilik edýän «TheCityUK» guramasy bilen hyzmatdaşlykda guran howanyň üýtgemegi boýunça ilkinji türkmen-britan forumy hem «ýaşyl» ykdysadyýetde maýa goýum mümkinçiliklerinde täze ugry açdy. Türkmenistanyň ministrlikleriniň, döwlet we täjirçilik banklarynyň, halkara guramalaryň, köptaraplaýyn ösüş banklarynyň we hususy pudagyň ýokary derejeli wekillerini bir ýere jemlän forumda howanyň üýtgemegine garşy maliýeleşdirmegiň ugurlary, bu ugurda ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşi we maýa goýumlaryny goldamak boýunça möhüm gepleşikler geçirildi.

Saparyň çäginde meýilleşdirilen duşuşyklar türkmen telekeçilerine Britaniýanyň 2300-den gowrak kompaniýasyny birleşdirýän Günbatar London Söwda edarasynyň agzalary bilen göni gepleşikleri geçirmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa işewürlik gatnaşyklaryň has çalt we netijeli gurulmagyna kömek eder.

Türkmen işewürleriniň Londona sapary we Beýik Britaniýa bilen barha berkeýän gatnaşyklar ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmek we halkara derejesinde bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak ugrunda möhüm menzildir. London diňe bir maýa goýum merkezi däl, eýsem, türkmen telekeçiligi üçin dünýä açylýan täze sahypadyr.

**Aýgül ESENOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Goşa mukaddesligiň baýramy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň baş aýratynlygy onuň adamyň tebigy we aýrylmaz hukuklaryny kepillendirmeginden ybaratdyr. Şahsyýet, onuň hukuklary we azatlyklary türkmen jemgyýeti üçin iň ýokary gymmatlyk bolup durýar.



Baýdak türkmen halky üçin Garaşsyzlygymyzy we Bitaraplygymyzy, beýik geçmişimizi, bagtyýar şu günümizi we ýagty geljegimizi, namysymyzy hem-de mertebämizi alamatlandyrýan, bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Ýüzünde gadymy haly nagyşlary, bäş ýyldyzly ýarymaý hem-de BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyzyň nyşany hökmünde zeýtun şahalary ýerleşdirilen ýaşyl Tugumyz dünýäde ýurdumyzyň we edermen halkymyzyň şöhratyny dabaralandyrýar.

Türkmenistanyň taryhynda Konstitusiýa we Döwlet baýdagynyň güni aýratyn orna eýedir. Bu goşa baýram agzybirligimiziň, özbaşdaklygymyzyň we saýlap alan demokratik ýolumyzyň dabaralanmasydyr. Bu mukaddeslikleri gorap saklamak we geljekki nesillere geçirmek diňe bir buýsanç däl, eýsem, uly jogapkärçilikdir. Bu jogapkärçiligiň özeni bolsa watançylyk terbiýesi we döwrebap ylym-bilimdir.

Biziň Esasy Kanunymyz – Konstitusiýamyz we asmanymyzda parlaýan ýaşyl Tugumyz halkymyzyň şöhratly geçmişiniň we röwşen geljeginiň nyşanydyr. Baýdagymyzyň ýüzündäki bäş sany milli göl halkymyzyň bitewüligini, parahatçylyk söýüjiligini we medeni mirasyny alamatlandyrýar. Häzirki wagtda ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Watançylyk diňe bir sözde däl, eýsem, amalda – ýurduň ösüşine goşýan goşandyňda, taryhyňa bolan hormatyňda we bilim almagyňda ýüze çykmalydyr.

Parahatçylygyň iň uly guraly – bu güýçli we bilimli nesildir. Häzirki zaman bilim ulgamy diňe bir fiziki taýýarlygy däl, ýokary intellektual ukyplary hem talap edýär. Konstitusiýamyzyň berkararlygy we Baýdagymyzyň parlap durmagy biziň agzybirligimize we ylymly-bilimli ýaşlarymyza baglydyr. Goý, biziň ýaşyl Tugumyz baky parlasyn, ýaşlarymyzyň ylym-bilim ýoly hemişe aýdyň bolsun!

**Bahar ANNAGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky harby institutynyň uly mugallymy.*

## Parahatçylyk we Bitaraplyk ýörelgesi – täze başlangyçlar, belent maksatlar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan dünýäde parahatçylyk söýüjiligiň, dostlugyň we hyzmatdaşlygyň merkezi hökmünde ykrar edilýär. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy diňe bir syýasy ugrumyz bolman, umumadamzat bähbitlerine hyzmat edýän uly bir mekdepdir. Bu mekdebiň ylym we bilim esaslaryny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmek baradaky taryhy başlangyç, bilim ulgamynda täze sahypany açýar.

Şu asylly başlangyjyň çäginde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde Parahatçylyk we bitaraplyk kafedrasynyň döredilmegi ýaş nesillere parahatçylyk medeniýetini we bitaraplyk syýasatynyň inçe tärlerini ylmy esasda öwretmekde möhüm ädimdir.

Parahatçylyk we bitaraplyk kafedrasy – bu diňe bir okuw bölümi bolman, eýsem, Türkmenistanyň halkara arenasyndaky abraýynyň, diplomatik ukyplarynyň we ynsanperwer ýörelgeleriniň täzeçil çemeleşmesidir. Bu kafedranyň döredilmegi bilen, Bitaraplyk ýörelgesiniň halkara hukugyndaky ornuny we onuň dünýä howpsuzlygyna ýetirýän täsirini düýpli öwrenmek, halkara gatnaşyklary, diplomatiýa we parahatçylyk gurujylyk babatda çuňňur düşünjeli, täzeçil pikirli ýaşlary kemala getirmek, özara hormat goýmak, gepleşikler medeniýeti we parahatçylykly ýaşaşmak baradaky düşünjeleri berkitmek babatda möhüm ähmiýete eýe bolar.

Parahatçylyk we bitaraplyk kafedrasy diňe ýurduň içindäki bilim bilen çäklenmän, halkara ylmy merkezleri we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy uniwersitetleri bilen göni gatnaşyklary ýola goýar. Bu bolsa türkmen alymlaryna we talyp ýaşlaryna öz garaýyşlaryny halkara derejesinde paýlaşmaga mümkinçilik berer.



Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmek başlangyjynyň çäklerinde kafedranyň döredilmegi Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligine hödürleýän «Dialog – parahatçylygyň kepili» diýen ynsanperwer taglymatynyň amaly we ylmy beýanydyr. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýlap alan parahatçylyk ýoly ylym we bilim bilen utgaşyp, geljekki nesiller üçin uly mekdepdir.

Türkmen Bitaraplygynyň esasy ýörelgesi we häsiýetli aýratynlygy halklaryň birligini, dostlugyny gazanmakdan, olaryň maksatlaryny birleşdirmekden, ýagny ýaşaýşyň we geljegiň hatyrasyna parahatçylygy, howpsuzlygy saklamagy, birek-biregi goldamagy, arkalaşmagy wagyz etmekden ybaratdyr. Çünki Türkmenistanyň saýlap alan Bitaraplyk ýoly – parahatçylygyň, ynanyşmagyň, jebisligiň ýoly. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary esasynda üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halklaryň arasyndaky parahatçylyk syýasatynyň dabaralanmasydyr, işjeň we ynamly hyzmatdaşlygyň, ygtybarly gatnaşyklaryň guralydyr, dost-doganlygyň köprüsidir. Bitaraplyk derejesi Türkmenistana özüniň milli bähbitlerini goramak, daşary syýasatda garaşsyz çözgütleri kabul etmek, sebit we ählumumy derejede parahatçylygy hem-de howpsuzlygy berkitmek babatynda giň mümkinçilikleri berdi.

Hormatly Prezidentimiziň adamzadyň geljege uzaýan ygtybarly ýollaryny açýan, parahat ýaşaýşy üpjün etmäge gönükdirilen Bitaraplyk syýasatyny, halkymyzyň ýagşylyga, millilige we ynsanperwerlige ýugrulan ýörelgelerini dünýä ýaýýan asylly başlangyçlar gazanylan beýik üstünlikleriň, mertebeli menzilleriň aýdyň beýanydyr, Bitaraplygyň nusgalyk ýoluny dowam etdirjek türkmen nesilleri üçin gymmatly serpaýdyr.

**Batyr NOWRUZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## «Gadamly» – milli gämi gurluşygynyň buýsanjy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ozal gämileri daşary ýurtlardan satyn alýan bolsak, indi öz zawodymyzda gurmak mümkinçiligine eýe bolduk. Zawodyň işgärleri halkara talaplara laýyklykda ýörite taýýarlykdan geçip, çylşyrymly metal konstruksiýalary we tehnologik ulgamlary gurnadylar. Milli gämi gurluşygy daşary ýurt pulundaky harajatlary tygşytlamaga we ýurt içinde täze iş orunlarynyň döredilmegine mümkinçilik berýär.



Täze gury ýük gämisi özüniň tehniki häsiýetnamalary we ýük göterijilik ukyby bilen ünsi çekýär. Ol dürli görnüşli ýükleri – gurluşyk serişdelerinden başlap, däne we beýleki senagat önümlerine çenli ugratmaga niýetlenendir. «Gadamly» diýen at ýöne ýere saýlanyp alynmady. Bu at Türkmenistanyň gämi gurluşyk pudagyndaky ilkinji ädiminiň, ýagny ilkinji «gadamyň» rowaçlygyny we dowamatlylygyny alamatlandyrýar.

«Gadamly» gämisiniň ulanmaga berilmegi Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerini täze belentliklere çykarýar. Bu port häzirki wagtda Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky köprüdir. Ol «Lapis Lazuli» we «Demirgazyk-Günorta» halkara ulag geçelgeleriniň möhüm halkasydyr. Gündogar – Günbatar, Demirgazyk – Günorta ugurlary boýunça halkara üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde Türkmenistanyň möhüm ornuny aýratyn bellemek bolar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda täze demir we awtoulag ýollaryny, döwrebap Halkara howa menzillerini, Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny öz içine alýan kuwwatly ulag-logistika ulgamy döredildi.

Şu ýylyň dowamynda ýene-de bir gury ýük gämisiniň, ýagny «Menzil» atly gäminiň ulanmaga tabşyrylmagy meýilleşdirilýär. Ýük göterijiligi 6 müň 100 tonna bolup, häzirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilen bu gämileriň her biri 20 tonnalyk 240 sany ýük konteýnerini daşamaga ukyplydyr. Gämileriň sanynyň artmagy portuň ýük dolanyşygynyň tizleşmegine we eksport-import amallarynyň giňelmegine ýardam edýär. Türkmenistan döwletimiziň öz gämilerini gurmagy daşary ýurtly hyzmatdaşlarda ýurdumyzyň logistiki ygtybarlylygyna bolan ynamy has-da berkidýär.

«Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda geljekde dürli görnüşli tankerleri hem-de gämileri gurmak göz öňünde tutulýar.

«Gadamly» gämisiniň gurluşygy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýlap alan «Açyk gapylar» syýasatynyň, ykdysady özygtyýarlylygyň we döwrebaplaşmagyň dabaralanmasydyr. Türkmenistanyň deňiz duralgasy indi has-da giň, ýoly bolsa hemişe rowaçdyr.

**Laçyn ABDYKERIMOWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky harby institutynyň mugallymy.*

## Ylym-bilim – ösüşiň binýady

Häzirki döwürde ylym we bilim jemgyýetiň ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji bolup durýar. Dünýä döwletleriniň ösüş derejesi olaryň bilim ulgamynyň hiline, ylmy barlaglarynyň netijeliligine we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak mümkinçiliklerine baglydyr. Şonuň üçin hem köp ýurtlarda ýaş nesliň döwrebap bilim almagyna, alymlaryň täze açyşlar etmegine uly üns berilýär.

Dünýä tejribesine seredilende, ösen döwletlerde bilim ulgamy innowasiýa bilen berk baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Ýaponiýa, Germaniýa we Koreýa Respublikasy ýaly ýurtlarda mekdeplerde sanly tehnologiýalar giňden ulanylýar. Okuwçylar diňe bir nazary bilim almak bilen çäklenmän, eýsem, döredijilikli pikirlenmäge, ylmy taslamalary taýýarlamaga hem höweslendirilýär. Uniwersitetler bolsa senagat kärhanalary bilen hyzmatdaşlykda täze tehnologiýalary işläp düzýärler. Şeýle gatnaşyk ykdysady ösüşe hem uly täsir edýär. Şeýle hem Singapur ylym-bilim ulgamyny ösdürmek arkaly ykdysady taýdan güýçli döwlete öwrüldi. Bu ýurduň mekdeplerinde matematika, tehnologiýa we tebigy ylymlar çuňňur öwredilýär. Okuwçylar halkara bäsleşiklerde ýokary netijeleri görkezýärler. Şeýle üstünlikler bilim ulgamynyň hiliniň ýokarydygyny subut edýär. Soňky ýyllarda dünýäde sanly tehnologiýalaryň ösüşi bilim ulgamyna uly täsir etdi. Elektron okuw kitaplary, onlaýn sapaklar, emeli aň tehnologiýalary we sanly kitaphanalar bilim almagy has ýeňilleşdirdi. Pandemiýa döwründe köp ýurtlaryň uzak aralykdan bilim ulgamyna geçmegi hem sanly tehnologiýalaryň ähmiýetini görkezdi.



Şeýle hem dünýäde emeli aň, robototehnika, biotehnologiýa ýaly ugurlar aýratyn ösüş gazandy. Bu bolsa ýaşlaryň ýokary derejeli bilim almagyna zerurlyk döredýär. Köp ýurtlarda daşary ýurt dillerini öwrenmäge, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge we sanly bilim platformalaryny giňeltmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň tejribesinde hem ylym-bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda täze mekdepler, çagalar baglary, ýokary okuw mekdepleri gurlup ulanmaga berilýär. Okuw otaglary häzirki zaman kompýuterleri, interaktiw tagtalar we internet ulgamy bilen üpjün edilýär. Ýaşlaryň daşary ýurt dillerini, aýratyn-da iňlis dilini öwrenmegine uly mümkinçilik döredilýär.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýokary okuw mekdeplerinde innowasion tehnologiýalary ulanmak, elektron kitaphanalary döretmek we uzak aralykdan okatmak mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça işler alnyp barylýar. Halkara olimpiadalarda türkmen ýaşlarynyň gazanýan üstünlikleri olaryň bilim derejesiniň ýokarlanýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzda ylmy ösdürmek maksady bilen ýaş alymlara goldaw berilýär. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy dürli ugurlar boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barýar. Energetika, oba hojalygy, lukmançylyk we ekologiýa ýaly ugurlarda täze taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu işler ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga we halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga hyzmat edýär.

Netijede, dünýä tejribesi hem, Türkmenistanyň tejribesi hem bir hakykaty tassyklaýar: ylym we bilim ösüşiň iň ygtybarly ýoludyr. Döwrebap bilim alan, täze tehnologiýalary özleşdirýän we ylma gyzyklanýan ýaşlar ýurduň geljeginiň berk binýadydyr. Şonuň üçin ylym-bilimi ösdürmek her bir döwletiň esasy wezipeleriniň biri bolup galýar.

**Aýna ABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

# EDEBIÝAT

*Lui Žan Žozef Blan: «Maňa näme okaýanyňy aýt, men seniň kimdigiňi aýdaýyn. Adamyň kitaphanasyna göz aýlap, onuň akyl derejesi we häsiýeti barada dogry netijä gelmek mümkindir».*

*Anton ÇEHOW, rus ýazyjysy.*

Zemstwo edarasynyň başlygy Ýegor Fýodorowiç Şmahin penjiräniň öňünde durşuna barmaklary bilen aýnany gaharly tyrkyldatýardy. Sagatlardyr minutlar şeýle bir haýal geçýärdi welin, içini it ýyrtýardy... Ol iki gezek ýatmak üçin düşege dolandy, emma gözüne çiş kakylan ýalydy, iki gezek günortanlyk edinmäge hyýallandy, alty gezek dagy çaý içendir, emma içiň ýakaýyn diýýän ýaly, Gün ýaňy öýleden agypdy.

Penjiräniň aňyrsynda çal hem-de içgysgynç manzar görünýärdi. Taşlanan bagdaky çyplaň agaçlaryň arasyndan çägesöw kenar göze ilýärdi... Ondan ýarym arçyn peslikde derýa akyp ýatyrdy. Doňy çözlen derýa göýä özüni agyzdyryklap, ýene gyşyň buzly gandalyna örklärler öýdüp gorkýan misli gyssanmaç akýardy. Käte Şmahiniň gözlerine eremän galan, uçuşyp ýören ak buz bölejikleri kaklyşýardy.

– Şol buzjagaza münüp, alys bir ýerlere gitsediň...

Kenarda boýnuny sallap eli balyk tutulýan uzyn gaňyrçakly garawul Andrian apaň-apaň basyp aýlanyp ýördi, ol arasynda özüniň tukat nazary bilen derýa çiňňerilýärdi. Baglaryň töwereginde gara sygyr iýmäge meýil edýän ýaly, geçen ýylyň hüýt gara ýapraklaryny ysgaşdyrýar... Şmahini we onuň mülküni hem goşmak bilen, bu sadaja manzar mähnet tüýli telpege meňzeýän gymyldysyz bulutlar bilen basyrylypdyr, emma bu görnüşde geljek baharyň ýakymy-da duýulýardy. Şmahiniň welin, barybir içi gysýardy. Ol penjiräniň öňünde durşuna agşam zemstwonyň ömürlik agzasy Rýablowyňkyda wint oýnaljakdygyny, Marýa Nikolaýewnanyň Petýajygyň doglan gününi baýram etjekdigini ýadyna saldy. Bu üýşmeleňleriň islendigine gitse-de, ol tukat wagtyň nädip geçenini duýmazdy. Emma nädip gidersiň, joşan derýa ähli ýollary gark edipdir, mülk ýeriň çar ýanyny jolk gar suwly käller gabapdyr.

Şmahin häzir özüni edil kapasada ýaly duýýardy... Ol penjiräniň öňünde kän durdy... Rýablowyňkyda eýýäm wint oýnamaga oturandyklary, Marýa Nikolaýewnanyňkyda çaý başynda mergi we Hyrat hakynda gybata ýatandyklary baradaky pikir oňa çydam edip bolmajak derejede agyr degdi. Ol «Tüff!» edip, kellesindäki ähli pikirleri kowuşdyrdy-da, penjiräniň öňünden aýrylyp, stoluň başynda çökdi.

Tegelek stoluň üstünde, çyranyň hem-de küldanyň gapdaljygynda suratly albom ýatyrdy. Şmahin ony öň million gezek dagy synlandyr, emma içgysmadan edere işem bolmansoň, albomy ýene açyp, suratlara çiňňerilmäge oturdy. Onuň gözüniň öňünde näzenin uýajyklar, reňki öçen daýzajyklar, inçe billi ofiser, ak çepesli garry ene, ýany totamly Ýefim ata, haýsydyr bir triko balakly aktrisa, onuň özi, gujagy güjüjekli merhum keýwanysy peýda boldy... Şmahiniň nazary bir minutlyk aýalynda eglendi... gerlip duran galam gaşlar, geň galma bilen bakýan käse gözler, döşdäki gülýaka... onda birgiden ýatlamalary oýardy.




Egni göwşüllän, ýag siňen suýrtukly, ýyrtyk ädikli, arrykdan şilliň ýigdekçe gapyda peýda boldy.

– Sen o taýda näme edýärsiň? – diýip, baýar sorady.

– Hiç zat-laý... sandykda otyryn...

– Gel, hany, birki döw şaşka oýnaly! Çök!

– Päheý, jyn uran diýsäni!

Sagadyň dilleri ýediň ýaryny kakdy. Şmahin diwandan turdy, burçdan burça gatnady, maksatsyz otagyň ortasynda saklandy.

«Duralgada otyrsyň hem garaşýarsyň» diýip, pikir etdi, «ol ýerde-hä umyt edýärsiň, ine, hä diýmän otly geler, senem ap-arkaýynja, gypynç etmän müner gidiberersiň. Bärde welin, garaşara zadam ýok... tükenmejek garaşmalar... hakyt dardan asylaý, al kakmyş diýsänim... Şamlyk edinäýsemmikäm? Ýok, janyň çykaýsa-da, heniz agşam naharyndan ir...».

Ol burça baranda, tegelek stoluň üstündäki küşt tagtasyna gözi düşdi.

– Ýa şaşka oýnaýsammykam?

Akly-garaly oýun çöplerini tagtanyň üstünde ýerleşdiren Şmahin stoljugyň başynda çöküp, özözi bilen oýnamaga başlady. Garşydaşlar onuň sag we çep elleridi.

– Indi sen göç... Hüm-m... Dursana, gardaş... Ine, men şeýdäýerin! Ýeri, bolýar, görübereris...

Emma çep el sag eliň näme isleýändigini deslapdan bilýärdi, şonuň üçin Şmahiniň özi-de elleriniň hasabyny ýitirip, bulaşdy.

– Ilýuşka! – diýip gygyrdy.

– Aýdýanyňyz näme?.. – Ilýuşka it ýylgyryşyny etdi. – Hyýala geljek zatmy, hojaýyn?..

– Gel, samsyk! Çök!

– Hiç, dik dursagam bolar-laý...

– Otyr diýdilermi, otur-da! Sen näme, üstüme abanyp dursaň, maňa hoş ýakar öýdýäňmi?

Ilýuşka ýaýdanybrak hem-de samsyklaç ýylgyrmasyny goýman, oturgyjyň gyrajygynda ornaşdy, çekinjeňlik bilen gözlerini gyrpyldatdy.

– Göç!

Ilýuşka pikirlendi, soňam külembikesi bilen ilkinji göçümi etdi.

– Äh-hä, siz şeýle ýörediňizmi... – diýip, Şmahin eli bilen eňegini tutup oýa batdy. – Şeýle-e... Ine, menem şeýdäýerin! Göç bakaly, bihepbe!

Ilýuşka ýene göçüm etdi.

– Hop ýagşy... Bilýärin seniň nirä sokulýanyňy, sypatyň gursun... Ýöne, näme-how, senden sogan ysy aňkaýar-la! Sen şeýtseň, menem beýdäýerin!

Oýun uzaga çekdi... Şmahiniňki ilkibaşda çüwdi, ol çöp yzyna çöp aldy, damkalara meýillenip ugranda, kellesinde bir bor-bolmaz pikir köwejekläp ugrady: «Jemgyýetde özüň bilen deň derejeli adamy ýaryşda ýeňmek hoş ýakýar... Emma Ilýuşkany utmakdan gazanjak zadym näme? Ony ýeňdiňem-ýeňildiňem, hiç hili hezilligi ýok ahbetin... Oh-ho, şaşkamy aldy peläket, seret syrtaraýşyna! Baýaryny utmak ýakymly-da! Ýogsam näme! Sogan ysyndan porsap otyr, ýene-de özünden ula pislik kylan bolýar».

– Güm bol! - diýip, Şmahin gygyrdy.

– Ä-ä?

– Güm bol! – Şmahin gahardan ýaňa çym-gyzyl bolup gygyrdy: – Çöken bolup bärde, haýwan diýsänim!

Ilýuşka elinden şaşkany gaçyryp, geň galma bilen baýara garady, soňam götinjekläp myhman otagdan çykdy. Şmahin sagada seretdi: ýaňy on minuty kem ýedi... Agşamlyk naharyna hem-de gijä çenli ýene bäş sagat bardy... Penjirä iri ýagyş damjalary urulýardy... Bagda gara sygyr gyryljak we gussaly myşlaýardy, çasly akýan derýanyň sesi hem bir sagat mundan öňküsi ýaly birsyhlydy, içgysgynçdy. Şmahin elini silkdi-de, gapynyň söýesine çakyşyp, maksatsyz tüýkürindi, soňam entirekläp öz otagyna gitdi.

«Eý, Taňrym!» diýip pikir etdi. «Beýlekiler içleri gysaýsa, agaç byçgylaýarlar, ölüleriň ruhlaryny çagyrmak bilen meşgullanýarlar, erkekleri sürgi ýagy bilen bejerýärler, gündelijek ýöreden bolýarlar, diňe men körzehin, ýalňyz özüm bagtygara, bihepbelik kylýaryn... Häzir näme bilen özümi güýmäýin? Näme bilen? Men zemstwo edarasynyň başlygy, hormatly ylalaşdyryjy kazy, oba baýary we... emma wagt geçirere güýmenje tapamok... Ýa bir zatlar okaýsammykam?». Şmahin birgiden kitaplardan mas tutan tekjelere golaý bardy. Bu ýerde kazyýet görkezmeleri, ýolbeletlik kitapçalary, mazalyja tozan basan, emma heniz gyrkylmadyk «Bagbançylyk» žurnaly, aşpezlik kitapçasy, doga ýazylan kitapçalar, köne žurnallar... Şmahin ynamsyzlyk bilen «Döwürdeş» žurnalynyň 1859-njy ýyldaky sanyny çekip aldy hem-de sahypalaryny agtaryşdyrmaga başlady...

– «Dworýan höwürtgesi»... Bu näme? Hä! Turgenew! Okapdym. Bu ýerde näme ýazylanyny unutdym öýdýän, ýene bir ýola okaýsagam bolýar... Turgenew gaty gowy ýazýar... hümm...

Şmahin diwanda süýndi-de, okamaga başlady... Onuň ýalňyz kalby beýik ýazyjydan teselli tapdy. On minut geçenden soňra Ilýuşka daraklygyna basyp otaga girdi, baýaryň kellesiniň aşagyna ýassyk dykdy hem-de döşündäki açyk ýatan kitaby emaý bilen çekip aldy...

Baýar hor çekýärdi...

**Terjime eden Hemra HUDAÝGULYÝEW.**

## XIX Çehow kitap festiwaly geçiriler

Russiýanyň Taganrog şäherinde 15-nji maýda öz işine başlajak XIX Çehow kitap festiwaly 17-nji maýa çenli dowam eder. Medeni forumyň myhmanlaryna meşhur ýazyjylar we kitap senagatynyň bilermenleri bilen gyzykly duşuşyklar garaşýar. Çäre şäheriň 30 meýdançasynda geçiriler. Festiwalyň maksatnamasyna kitaplaryň tanyşdyryşlary, döredijilik ussatlyk sapaklary, leksiýalar, konsertler, sergiler we giň gerimli kitap ýarmarkasy girizildi.



Däp bolşy ýaly, festiwalyň her güni aýratyn mowzuga bagyşlanar. Şunlukda, 15-nji maýda nesilleri birleşdirýän, däpdessurlary kemala getirýän we «bilelikde okamagyň şatlygyny peşgeş berýän» kitaplara gönükdirilen Maşgala okalyşy güni bolar. 16-njy maýda Biograf güni geçiriler. Onuň üns merkezinde görnükli şahsyýetleriň ykbaly, ynsanyň ömür ýoly barada gürrüň bermek we ýatlamalary söz arkaly saklap galmak sungaty durar. 17-nji maýda bolsa Internetiň dörän güni belleniler. Ol awtorlar bilen geçirilýän däp bolan duşuşyklary we döwrebap sanly formatlary birleşdirer.

Guramaçylaryň belleýşi ýaly, XIX Çehow kitap festiwaly duşuşyklaryň, ylhamyň we täze açyşlaryň meýdançasyna öwrüler. Bu ýerde çagalar edebiýatyndan başlap, saldamly kyssa eserlerine çenli awtorlar bilen göni aragatnaşykdan aktual medeni mowzuklaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna çenli her kim özüne ýakyn zatlary tapyp biler.

**Gülnar ÝOMUDOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky Merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

## «Jaň» romany bilen adygan ýazyjy

«Jaň» romany bilen dünýä edebiýatynda täze sahypa açan Kodzi Sudzuki häzirki zaman ýapon edebiýatynyň iň görnükli wekilleriniň biri hasaplanýar. 1991-nji ýylda neşir edilen we soňra dünýä derejesindäki medeni fenomene öwrülen «Jaň» romany Kodzi Sudzuka halkara derejede meşhurlyk getirdi. Bu eseriň esasynda 1998-nji ýylda režissýor Hideo Nakata tarapyndan düşürilen çeper film we 2002-nji ýyldaky Golliwud rimeýki gorkuly eserler (horror) žanrynyň ösmegine ägirt uly täsir etdi.



Kodzi Sudzuki diňe bir «Jaň» eseri bilen çäklenmän, eýsem, ýapon we dünýä edebiýatynda ykrar edilen birnäçe romanlaryň hem awtorydyr. Onuň «Jennet» atly debýut romany 1990-njy ýylda Ýaponiýanyň fentezi romanlary bäsleşiginde iň ýokary baýraga mynasyp boldy. Mundan başga-da, ýazyjynyň «Spiral» romany Eýdzi Ýosikawa adyndaky edebi baýraga, «Ülke» eseri bolsa ABŞ-nyň Şirli Jekson baýragyna mynasyp görüldi. Sudzuki döredijilik ýolunda adaty bolmadyk çemeleşmeleri bilen hem tapawutlanyp, 2009-njy ýylda «Damja» atly gorkuly hekaýasyny çap etdiripdi. 2022-nji ýylda Gorkuly eserleriň ýazyjylarynyň assosiasiýasy tarapyndan edebiýat žanryna goşan goşandy üçin oňa Brem Stoker adyndaky abraýly sylag gowşuryldy.

Dünýä belli «Jaň» (The Ring) romanynyň awtory, ýapon edebiýatynyň görnükli wekili Kodzi Sudzuki 8-nji maýda 68 ýaşynda Tokionyň hassahanalarynyň birinde aradan çykdy.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**«Artemis» ylalaşygy giňeýär.** Aýy özleşdirmek boýunça «Artemis» halkara maksatnamasyna goşulan ýurtlaryň sany 64-e ýetdi.



Soňky günlerde Latwiýanyň, Iordaniýanyň we Marokkonyň bu ylalaşyga goşulmagy dünýäniň kosmos barlaglaryna bolan gyzyklanmasynyň artýandygyny görkezýär. NASA tarapyndan utgaşdyrylýan bu resminama Aýda ylmy binýat gurmak we halkara hyzmatdaşlygy kadalaşdyrmak üçin esasy platforma bolup hyzmat edýär.

**OPEK+ nebit önümçiligini artdyrar.** OPEK+ agza döwletleriň ýedisi dünýä bazaryndaky durnuklylygy saklamak üçin iýun



aýyndan başlap, nebit önümçiligini gündelik 188 müň barrel artdyrmak barada karar kabul etdi. Bu ylalaşyga Saud Arabystany, Russiýa we Gazagystan ýaly ýurtlar gatnaşýarlar. Täze kararda nebitiň bellenen möçberleri bazaryň ýagdaýyna görä kadalaşdyrylyp, oňa Bilelikdäki monitoring komiteti tarapyndan gözegçilik ediler.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1930-njy ýylyň 15-nji maýynda Ellen Çerç dünýäde ilkinji bolup stýuardessa wezipesinde uçuşy amala aşyrdy. Lukmançylyk ugrundan bilimi bolan Çerç ýolagçylaryň howpsuzlygyny we rahatlygyny üpjün edip, awiasiýada täze hünär ýoluny açdy. Ikinji jahan urşuna gatnaşyp, birnäçe medallar bilen sylaglanan gahryman zenanyň ady häzirki wagtda ABŞ-nyň Kresko şäheriniň aeroportuna dakyldy.**



## Peter Madýar Premýer-ministr boldy

Wengriýanyň täze düzümdäki Milli ýygnagynyň (parlamentiniň) 9-njy maýda geçirilen ilkinji mejlisinde «Tisa» partiýasynyň lideri Peter Madýar ýurduň Premýer-ministri wezipesine saýlandy. 199 orunlyk parlamentde 141 orna eýe bolan «Tisa» partiýasy täze hökümeti düzmek hukugyny alyp, Wiktor Orbanyň ýolbaşçylygyndaky syýasy bileleşigiň köpýyllyk dolandyryş döwrüniň tamamlanmagyny üpjün etdi. Täze saýlanan hökümet Baştutany kasam kabul ediş dabarasyndan soň eden çykyşynda ýurtda diňe bir hökümeti däl, eýsem, syýasy ulgamy hem özgerdip, täze taryhy sahypany açjakdygyny we öz halkyna ak ýürekden hyzmat etjekdigini aýratyn nygtady.

Mejlisiň barşynda Peter Madýar öňki dolandyryş düzüminde işlän ýolbaşçylaryň, şol sanda Prezident Tamaş Şuýogyň ygtyýarlyklaryny tabşyrmaklarynyň maksadalaýyk boljakdygyny belledi. Şeýle hem dabaranyň meýilnamasyna girizilen üýtgeşmelere laýyklykda, täze parlament Premýer-ministri tassyklady we bu waka giň gerimli halk dabaralary bilen utgaşdyryldy. Mundan başga-da, mejlisde «Tisa» partiýasynyň başlygynyň orunbasary Agnes Forsthoffer parlamentiň täze başlygy wezipesine saýlandy. Onuň kabul eden ilkinji karary bilen, 12 ýyllyk arakesmeden soň Ýewropa Bileleşiginiň baýdagy gaýtadan parlament binasynyň öňünde galdyryldy.

Şeýle hem täze hökümetiň halkara giňişliginde parahatçylykly we özara



bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine ygrarly bolup, beýleki döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary täze derejä çykarmaga taýýardygy bellenildi. Bu taryhy wakalar ýurduň geljekki durmuş-ykdysady ösüşini we jemgyýetçilik agzybirligini has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm ädim hökmünde häsiýetlendirilýär.

## Döwrüň innowasion gurluşygy

Häzirki wagtda dünýäde emeli aňyň we sanly tehnologiýalaryň binýady bolup hyzmat edýän äpet maglumat merkezleriniň (data-center) gurluşygy ýokary depginlerde alnyp barylýar. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, 2030-njy ýyla çenli bu merkezleriň sarp edýän elektrik energiýasynyň mukdary 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende, iki esse artar. Soňky ýigrimi ýylda dünýäniň maglumat merkezleriniň umumy kuwwaty rekord derejä – 122 000 megawata çenli ýokarlandy.

Emeli aň platformalarynyň giňden ulanylmagy bu äpet binalaryň diňe bir uly möçberde energiýa däl, eýsem, sowadyş ulgamlary üçin milliardlarça litr arassa suw serişdelerini hem sarp etmegine sebäp bolýar. Şunuň bilen baglylykda, iri tehnologiýa kompaniýalary energiýa zerurlygyny kanagatlandyrmak üçin innowasion sowadyş usullaryny we täzeçil energiýa çeşmelerini özleşdirýärler. Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda bolsa bu merkezler howpsuzlyk we tebigy sowadyş maksady bilen ýerasty desgalarda gurulýar.

Şol bir wagtyň özünde, energiýanyň we suwuň aşa köp sarp edilmegi ekologik hem-de infrastruktura meselelerini ýüze çykarýar. Netijede, mag-



lumat merkezleriniň gurluşygy diňe bir tehnologik öňegidişlik bolman, eýsem, olaryň tebigata we jemgyýete ýetirýän täsirini azaltmak, şeýle hem çäkli bolan suw we energiýa serişdelerine has aýawly çemeleşmek zerurlygyny hem döredýär.

## Prezident Trampyň Hytaýa döwlet sapary

Şu gün ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň Hytaýa amala aşyrýan üç günlük taryhy döwlet sapary tamamlanýar. 13-nji maýda başlanan bu saparyň çäklerinde amala aşyrylan duşuşyklar diňe bir söwda-ykdysady gatnaşyklary däl, eýsem, ählumumy geosyýasy durnuklylygy üpjün etmek meselelerini hem öz içine aldy.

14-nji maýda Halk maslahatlarynyň Uly zalynda HHR-iň Başlygy Si Szinpin bilen ABŞ-nyň Prezidentiniň arasynda geçirilen gepleşiklerde taraplar dünýädäki emele gelen çylşyrymly şertlere garamazdan, özara bähbitli hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmaga taýýardyklaryny tassykladylar. Duşuşykda Hytaýyň Başlygy häzirki wagtda düýpli özgermeleriň dowam edýändigini belläp, iki ýurduň bäsdeşlikden durnukly ösüşe geçip biljekdigine ynam bildirdi. ABŞ-nyň Prezidenti hytaý bazarynyň amerikan tehnologiýa kompaniýalary üçin has-da açylmagynyň we geçen ýyl gazanylan söwda ylalaşyklarynyň möhletini uzaltmagyň iki ýurduň bähbidine boljakdygyny nygtady.

Amerikan wekiliýetiniň düzüminde dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýa ägirtleri bolan «Nvidia», «Tesla», «Apple», «Boeing» we «Meta» ýaly kompaniýalaryň ýolbaşçylarynyň bolmagy, gepleşikleriň ykdysady we innowasion kuwwatyny has-da artdyrdy. Esasan hem, emeli aň ulgamyndaky bäsdeşlik, mikroçipleriň üpjünçiligi we Hytaýyň seýrek duş gelýän metallar bazaryndaky orny ýaly möhüm



meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem taraplar halkara söwda gatnaşyklarynyň bökdençsiz dowam etdirilmeginiň dünýä ykdysadyýetiniň durnuklylygy üçin esasy şertdigini bellediler.

Şu gün iki ýurduň liderleriniň gatnaşmagynda dabaraly çäreler, şol sanda Çžunnanhaý köşkler toplumynda medeni maksatnama meýilleşdirildi. ABŞ-nyň Prezidenti mundan ozal 2017-nji ýylda Hytaýda saparda bolupdy.

## Fransiýanyň Prezidentiniň Afrika sapary

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron 9-13-nji maý aralygynda Afrika yklymynyň birnäçe ýurdunda döwlet saparynda boldy. Bu sapar Fransiýa bilen Afrika yklymynyň arasyndaky diplomatik, ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary täze belentliklere çykarmakda taryhy ädime öwrüldi.

Saparyň başlangyç nokady bolan Müsüriň Aleksandriýa şäherinde Fransiýanyň we Müsüriň liderleri tarapyndan Senghor uniwersitetiniň täze kampusynyň açylyş dabarasy geçirildi. Gepleşikleriň dowamynda taraplar ykdysady gatnaşyklary we sebit howpsuzlygyny ara alyp maslahatlaşdylar. Aleksandriýadaky taryhy ýadygärliklere amala aşyrylan gezelenç bolsa iki ýurduň medeni mirasy gorap saklamak ugrundaky hyzmatdaşlygynyň nyşanyna öwrüldi.

11-12-nji maýda Keniýanyň Naýrobi şäherinde geçirilen «Afrika öňe» atly ýokary derejeli sammitiň çäklerinde medeni adalatlylygy dikeltmek boýunça wajyp kararlar kabul edildi. Prezident Emmanuel Makron irki döwürde alnyp gaýdylan medeni gymmatlyklary yzyna gaýtarmagyň tertibini ýönekeýleşdirýän täze çarçuwaly kanuny resmi taýdan tassyklady. Bu hukuk resminamasy taryhy mirasyň ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda gysga wagtda öz taryhy watanyna dolanmagyna giň ýol açýar.

Fransiýanyň döwlet Baştutanynyň sapary 13-nji maýda Efiopiýanyň paýtagty Addis-Abeba şäherinde jemlendi. Ol ýerde Efiopiýanyň hökümet ýol-



başçylary bilen geçirilen duşuşyklarda we Afrika Bileleşiginiň ştab-kwartirasyndaky mejlisde sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkitmek meselelerine aýratyn üns berildi.

Halkara syncylaryň bellemegine görä, 5 günlük ýokary derejeli sapar diňe bir taryhy miraslaryň yzyna gaýtarylmagy bilen däl, eýsem, yklymda täze, döwrebap hyzmatdaşlyk binýadynyň kemala getirilmegi bilen hem taryha giren möhüm waka boldy.

## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Düýäniň örküjine meňzeş Kirkýufedl dagynyň (ybadathana dagy) beýikligi 463 metre ýetýär.**

# GANWE – AFRIKANYŇ WENESIÝASY

Günbatar Afrikada ýerleşýän Ganwe obasy täsin däp-dessurlary we durmuş ýörelgeleri bilen tapawutlanýar. «Afrikanyň Wenesiýasy» diýlip atlandyrylýan bu oba Nokue kölüniň merkezinde ýerleşýär. Beniniň günortasynda we Kotonu şäheriniň golaýynda suwuň içinde gurlan Ganwe obasynda, takmynan, 30 müň töweregi adam ýaşaýar. XVII asyrda howpsuzlyk maksady bilen esaslandyrylan obada 400 ýyl bäri ýaşaýyş dowam edýär. Afrikanyň iň uly köl obasynda suwuň üstünde gurlan ýaşaýyş jaýlary bilen bir hatarda, hassahana, poçta gullugy we mekdep hem bar.

Obanyň esasy ilaty tofinu taýpasy bolup, olar bu oba ilkibaşda işçi hökmünde getirilýärler. Kyn tebigy şertlere garamazdan, tofinular suwuň içindäki obany mesgen tutýarlar. Olar obanyň adyny «Ganwe» (Men şu ýerde halas boldum) diýip atlandyrýarlar. Häzirki wagtda obada, takmynan, sütünleriň üstünde gurlan 3 müň öý bar. Öýleriň sütünleri çüýremäge çydamly gara agaçdan we bambukdan gurlupdyr. Diwary palma ýapraklary bilen örtülip, saman düşelen üçegine metal şifer kakylypdyr. Afrikanyň Wenesiýasynda ýeňiljek gurluşyk materiallarynyň ulanylmagy öýleriň has ýeňil bolmagyna ýardam edýär. Bu jaýlar, adatça, 15-20 ýyl durýar.



Nokue kölüniň çuňlugy bary-ýogy 1-2 metre deň. Şol sebäpli Ganwe obasynyň ýaşaýjylary gury ýerden toprak getirip, emeli mellek ýerlerini hem döredýärler. Gury ýer böleklerinde öý haýwanlaryny saklap, miweli agaçlary we gök-bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirýärler. Obanyň mekdebi hem uly emeli gury ýer böleginde ýerleşýär. Obanyň ýaşaýjylary içimlik suwuny ýörite suw arassalaýjy stansiýalara (burawlanan çuň guýular) gidip getirýärler. Ganwe obasynyň ýaşaýjylary azyk getirmek, goňşularyna gitmek, aw etmek ýa-da mekdebe gatnamak üçin diňe gaýyk ulanmaly bolýarlar. Günleriniň köpüsini gaýyklarda geçirýän ýerli ilat «suw adamlary» diýlip atlandyrylýar.



Ganweniň ýaşaýjylary nesilme-nesil balykçylyk kärini ýöredip gelýärler. Obanyň erkek adamlary kölüň uzak ýerlerine gidip, balyk tutup gelýärler. Zenanlar bolsa, tutulan balyklary golaýdaky şähere äkidip satýarlar. Ganweliler emeli usulda hem balyk tutýarlar. Munuň üçin olar kölüň düýbüni palma ýapraklary bilen örtýärler. Ýapraklar çüýräp ugranda bu ýere iýmitlenmek üçin balyk sürüleri gelýär. Şeýlelikde, obadan uzaga gitmezden tor bilen ýüzlerçe kilogram balyk tutulýar. Obanyň balykçylary bu usuly her iki hepdeden gaýtalaýarlar.

Daşyndan Wenesiýa ýaly romantik görünýändigine garamazdan, Ganwe obasynyň ýaşaýjylary dürli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz



bolýarlar. Howanyň we suwuň hapalanmagy, wagtal-wagtal güýçli ýeliň turmagy oba ýaşaýjylaryny biynjalyk edýär. Ganwe obasy 1996-njy ýylda ÝUNESKO-nyň deslapky sanawyna girizildi.



Tebigy täsinlik

# ISLANDIÝANYŇ TÄSIN DAGY

**Islandiýanyň Snaýfedlsnes ýarym adasynyň demirgazyk kenarynda, Grýundarfýopdýur şäheriniň golaýynda ýerleşýän Kirkýufedl dagy düýäniň örküjine meňzeş täsin görnüşi bilen görenleri haýran galdyrýar. Islandiýanyň iň köp surata düşürilýän tebigy täsinlikleriniň biri bolan bu daga halk arasynda «Ybadathana dagy» diýilýär. Beýikligi 463 metre barabar bolan Kirkýufedl dagy wulkanyň atylmagy we soňky buz döwründe lawa çökündilerinden dag jynsly gatlaklaryň emele gelmegi bilen ýüze çykypdyr.**

**Tomsuna Günüň batyşyny, gyşyna bolsa Demirgazyk ýşyklaryny synlamak üçin iň gowy panorama bolan Kirkýufedl dagynyň golaýynda üsti tekiz Brimlarhýofdi dagy ýerleşip, iki dag gerşiniň arasyny Snaýfedlsnes ýarym adasy, kiçiräk laguna we bogaz bölýär. Iki dag depesi Snaýfedlsnes daglyk ulgamynyň bir bölegi bolup, golaýyndan kiçijik Kirkýufetlsa derýasy akyp geçýär. Snaýfedlsnes daglyk ulgamynyň iň owadan ýeri Kirkýufedl şaglawugy hasaplanýar.**



**Kirkýufedl dagynyň depesine 1,5-2 sagat wagtda darajyk ýodadan ýöräp, çykyp bolýar. Emma dik ýokary galmalydygy we ýapyşmak üçin tanap ýa-da metal germewiň ýokdugy sebäpli «düýäniň örküjine» münmek howply hasaplanýar. Dagyň eteginde üç sany köne ferma, 4 kilometr uzaklykda Grýundarfýopdýur şäheri ýerleşýär. Bu şäheriň portuna wagtal-wagtal kruiz gämileri barýar. Kirkýufedl dagy özboluşly görnüşi we gözelligi bilen syýahatçylaryň arasynda örän meşhurdyr. Dagyň eteginde we kölüň kenarynda gezelenç etmek üçin birnäçe ýodalar bar. Islandiýanyň iň meşhur depesine her ýyl 2 milliondan gowrak myhman barýar. «Tagt oýunlary» teleserialynda surata düşürilen Kirkýufedl dagy 2020-nji ýylda «Condé Nast Traveler» syýahatçylyk neşiri tarapyndan dünýäniň iň owadan 25 dagynyň biri hökmünde ykrar edildi.**

# Näme üçin iýmiti mahabatlandyrýan wideolara has köp tomaşa edilýär?

**Soňky ýyllarda iýmiti mahabatlandyrýan wideolara has köp tomaşa edilýär. Internet platformalarynda esasy orny eýeleýän adamlaryň iýmitlenýän, ýagny iýmiti mahabat edýän wideolaryna «mukbang» diýilýär. Koreýa Respublikasyndan döräp, bütin dünýä ýaýran «mukbang» wideolary millionlarça adamy ekranyň başynda uzak wagtlap güýmäp bilýär. Eýsem, adamlaryň iýmiti mahabatlandyrýan wideolara uly gyzyklanma bilen tomaşa etmeginiň sebäbi näme? Näme üçin internetde iýmit mahabatlary has meşhur boldy?**

Adamlaryň başgalaryň iýýän naharlaryny synlamakdan alýan lezzetiniň ylmy taýdan düşündirişi bar. Psihologlar häzirki wagtda ýoň bolan «mukbang» wideolara tomaşa edýän adamlaryň aňynda bolup geçýän ýagdaýlary öwrenip, şeýle netijä geldiler. Kameranyň öňünde adamyň nahar iýýändigini



synlamak manysyz ýaly görünse-de, aslynda munuň adamlaryň emosional we biologik zerurlyklary bilen gabat gelýän uly baglanyşygy bar. Psihologlaryň pikiriçe «mukbang» wideolary tomaşaçyda «bilelikde iýmek» duýgusyny döredýär. Esasan hem, Ýaponiýa ýaly käbir döwletlerde ýekelikde ýaşaýan adamlar ýalňyzlygyň öňüni almak we sosial baglanyşyk gurmak üçin bu wideolara tomaşa edýärler. Şeýlelikde, ekranyň öňünde sosial gurşaw döredip, ýalňyzlyk duýgusyny wirtual dostluk arkaly doldurýarlar.

Iýmiti mahabatlandyrýan wideolaryň güýçli täsiriniň ýene biri ASMR (Awtonom duýgy meridian reaksiýasy) ses duýgusy hasaplanýar. Nahar bişirilende, iýmit gaby açylanda we çeýnelende we ş.m. çykýan sesler beýnide gyjyndyrma döredip, özüňi rahat duýmaga hem-de bedeniň dynç almagyna ýardam edýär. Şeýle hem tomaşaçynyň merkezi beýnisini edil hakykatdan nahar iýýän ýaly işjeňleşdirýär.

Berhiz saklaýan adamlar iýmiti mahabatlandyrýan wideolara has köp tomaşa edýärler. Gadagan edilen iýmitleriň zyýanly tarapy barada öwrenip, kanagatlanma duýgusyny ösdürýärler hem-de emosional boşlugy doldurýarlar.

**Eýsem, sosial media platformalarynda milliardlarça tomaşaçy gazanan iýmiti mahabatlandyrýan wideolara siz hem tomaşa etmegi halaýaňyzmy?!**

## Muny bilmek gyzykly

- Iýmit mahabaty dünýäde iň girdejili we uly pudaklaryň biridir. Restoranlar, azyk we içimlik suwlaryny öndürýän kärhanalar önümlerini mahabat etmek üçin her ýyl onlarça milliard dollar serişde goýberýärler.
- «Nestle» dünýäde iň gymmat azyk brendi hasaplanýar. 2 müňe golaý brendi (Maggi, Nescafe, KitKat) dolandyrýan şweýsar konserni bazar bahasy we mahabat çykdajylary boýunça öňdeligi eýeleýär.
- Iň gowy nahar we iýmit mahabatynda «Lay's» çipsisi, M&M's şokolad gerdejikleri we «Oreo» kökesi öňdeligi eýeleýär.
- Tiz tagam mahabatynda «McDonald's» amerikan kompaniýasy burgerleri we beýleki tagamlary üçin her ýyl uly çykdajy edýär.
- Gazlandyrylan içgiler bazarynda «Pepsi» amerikan korporasiýasy monitorlarda we sosial medialarda ýaýran dürli mahabatlary bilen öňdäki ornuny saklaýar.
- Pizza dünýäde iň köp iýilýän tagam bolup, her gün ortaça 14 million pizza taýýarlanylýar.
- Iň köp söwdasy edilýän azyk harytlarynyň arasynda süýt, çörek, ýumurtga, et we köke önümleri öňdeligi eýeleýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Günorta Amerikada ýaşaýan murtly guş



Çarlaga meňzeş murtly guş Ýuwaş ummanyň kenaryndaky gaýalarda we adalarda ýaşaýar. Diňe Peruda, Çilide we Ekwadorda duş gelýän täsin guşa ylmy dilde «Larosterna inca» (Inka çerigi) diýilýär. Guşuň ylmy ady «larus» (ýyrtyjy deňiz guşy/gara guş) we «sterna» (terna/çarlak) sözleriniň birleşmeginden emele gelipdir. Inka çerigi (çerik – çarlaga meňzeş kiçijik guş, Inka – gadymy imperiýanyň ady) Günorta Amerikanyň kenarýaka sebitinde ýaşap geçen gadymy Inka imperiýasynyň adyny göterýär.

Inka çeriginiň beýleki guşlardan tapawutlanýan esasy aýratynlygy murta meňzeş ak ösüntginiň bolmagydyr. Gara guşlar 1 ýaşyna ýetende çüňküniň iki gapdalyndan towlanyp duran murtlar ösüp çykýar. Garamtyl-çal tüýli bu guşuň



çüňki we aýagy gyzylymtyl-mämişi reňkde bolýar.

Ökde awçylar hasaplanýan murtly guşlar suwuň 1 metre çenli çuňlugyna çümüp, ownuk balyklary awlaýarlar. Agramy 190-230 grama ýetýän Inka çeriginiň göwresi 39-42 santimetr aralygynda bolýar. Barmagynyň arasy ördegiňki ýaly perdeli bolýan bu guşlar daş aralyga uçmak bilen bir hatarda, uzak wagtlap ýüzüp bilýärler. Murtly guşuň ýaşy ulaldygyça reňki hem şonça goýalýar, ýagny şar gara bolýar.

Inka çerigi beýleki guşlar ýaly göçüp-gonup ýörmeýär. Bu guşlar iýmitlenmek üçin bir ýere jemlenýärler. Her sürüde 5 müňden gowrak guş bolýar. Gaýaly kenarlarda mesgen tutan gara çarlaklar çägeli kenarlarda, gaýanyň köweklerinde we gyrymsy agaçlaryň düýbünde ýumurtga goýýarlar. Bu guşlar ýylda iki gezek – aprel-iýul we oktýabr-dekabr aýlarynda köpelýärler. Murtly guşlaryň jüýjelemek üçin bir ýa-da iki ýumurtgany 24-27 günläp basyrmagy seýrek köpelmegine getirýär. Häzirki wagtda ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girizilmese-de, hemsa balyklaryň azalmagy Inka çeriginiň iýmit ýetmezçiliginden ejir çekmegine sebäp bolýar. Maglumatlara görä, gara çarlaklaryň sanynyň 150 müňe golaýdygy bellenilýär.

# ÝOKARY GITDIGIMIZÇE HOWA NÄME ÜÇIN SOWAÝAR?

**Dagyň iň belent ýerleriniň temperaturasy Güne has ýakyn bolandygy sebäpli, yssy bolaýjak ýaly. Emma bu tersine, ýokary gitdigimizçe howa gyzanokda, gaýtam sowap ugraýar. Eýsem, näme üçin howanyň temperaturasy ýokary gitdigimizçe peselýär?**



Atmosferadaky temperatura köp faktorlara baglylykda üýtgeýär. Bu faktorlaryň iň möhümi howa basyşydyr. Aslynda, basyş artdygyça temperatura hem ýokarlanýar. Sebäbi ýokary basyşda howa molekulalary gysylýar we has gyzýar. Şeýle-de bolsa, deňiz derejesinden (Ýerden) daşlaşdygyňça basyş azalyp, temperatura peselip başlaýar. Bu ýagdaý howanyň temperaturasynyň ýokary belentliklerde peselmeginiň esasy sebäpleriniň biridir.

Atmosferadaky suw buglary hem howanyň sowuk bolmagyna täsir edýän faktorlaryň biridir. Belentlik artdygyça bugarma mukdary hem azalýar. Suw bugy atmosferanyň ýylylygy saklamak ukybyny ýokarlandyrýar, ýöne belli bir belentlikden soň peselip başlaýar. Bugarma hadysasynyň peselmegi bilen, Günden gelýän şöhläniň täsiri hem gowşaýar. Ýagny Gün şöhlesiniň ýeri gyzdyrýandygyna garamazdan, ýokarda howa sowuk bolýar.

Atmosferada howanyň sowamagynyň ýene bir sebäbi basyşyň giňelmegi we peselmegi bilen baglanyşyklydyr. Gyzgyn howa ýokary galdygyça giňelýär. Giňelýän howa bolsa ýylylygy ýitirip, sowap başlaýar. Şeýlelikde, beýiklik artdygyça howa sowaýar. Mundan başga-da, atmosferanyň gyzmagy, suw buglarynyň düzümi we howanyň giňelmegi ýaly ýagdaýlar atmosferada howanyň sowamagyna täsir edýän beýleki faktorlar hasaplanýar.

# Jambolan – zeýtuna meňzeş miwe

**Hindistan, Bangladeş, Mýanma, Şri-Lanka, Indoneziýa we Malaýziýa ýaly ýurtlarda ösdürilip ýetişdirilýän miweli agaçlaryň biri jambolandyr. Ylymda «Syzygium cumini» diýlip atlandyrylýan garaja miwe edil zeýtuna meňzeýär. Köp ýurtda bu miwä «gara erik», «Ýawa erigi», «Malabar erigi» diýilýän bolsa, köpler miwäniň adyny gysgaldyp «jamun» diýip atlandyrýarlar. Bu miwä başgaça ýambolan hem diýilýär.**

**Hoşboý ysy we şireliligi bilen tapawutlanýan bu miwäniň biri-birine ýapyşyp duran owunjak çigitleri bolýar. Miweden terligine iýilmek bilen bir hatarda, jem, şerbet, žele we puding taýýarlanylýar. Gara erigiň ýüregiňi bulaýan tagamy bolandygy sebäpli, ilki duzly suwa ýatyrýarlar. Bu miweden guradylyp we üwelip kofe meňzeş içgi hem taýýarlanylýar. Dermanlyk häsiýeti bilen tapawutlanýan bu miwäniň guradylan görnüşi, çigidi we gabygy halk lukmançylygynda peýdalanylýar.**

**Jambolan örän gadymy döwürlerden bäri iýilýän miweleriň biridir. Hindiler bu miwäni mukaddes hasaplap,**




**2500 ýyldan gowrak wagtdan bäri iýýärler. Şol sebäpli ybadathanalaryň golaýynda köpräk jambolan agajy ekilýär. Jambolan tropik we subtropik klimatda ösüp bilýär. Şäher ýerlerinde bu agaç bezeg maksady bilen ekilýär.**

**Mart aýynda ap-ak gül açýan jambolan agajynyň miwesi tomusda (iýul aýy) ýetişýär. Hemişe ýaşyl öwsüp oturan tropik agajyň fikusa meňzeş owadan ýapragy we syh-syh owadan güli bolýar. Çalt ösýän bu agajyň beýikligi 10-15 metre çenli ýetýär. Bäş santimetre çenli ulylykdaky jambolanyň miwesi topbak-topbak bolup, şahanyň ujunda bitýär. Jambolan Aziýa ýurtlaryndan başga Awstraliýa, Gündogar Afrika we Amerika ýurtlarynda hem ösdürilip ýetişdirilýär.**

# Muny bilmek GYZYKLY



- Kiçijik laçyn (Microhierax fringillarius) ýyrtyjy guşlaryň iň kiçisi hasaplanýar. Sarymtyl-gara ýelekli bu guşuň göwresiniň uzynlygy 14-16 santimetre, ganatlarynyň giňligi 27-32 santimetre, agramy bolsa 35 grama deň. Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan bu guşlar 1500 metr belentlikdäki dag gerişlerinde duş gelýär.
- Ýamaýkada ýaşaýan kolibriniň (Mellisuga minima) ýumurtgasy iň kiçi guş ýumurtgasy hasaplanýar. Bu guşuň ýumurtgasynyň ulylygy 1 santimetre, agramy 0,37 grama deň.
- Afrika düýeguşy (Struthio camelus) gury ýerde ýaşaýan guşlaryň iň ýyndamy hasaplanýar. Onuň sagatdaky tizligi 72 kilometre ýetýär.
- Afrika düýeguşunyň ýumurtgasy iň uly ýumurtga bolup, ulylygy 15-20 santimetre, agramy 1,5 kilograma ýetýär. Äpet guşuň ýumurtgasy 120 kilograma çenli agramy döwülmän saklap bilýär.
- Iň çalt uçýan guş alabeder laçyn (Falco peregrinus) bolup, sagatdaky tizligi 390 kilometre ýetýär.
- Häzirki wagtda dünýäniň iň garry guşy Laýsan albatrosy hasaplanýar. Ýuwaş ummanynyň kenarynda Midueý Atoll milli tebigy goraghanasynda ýaşaýan bu guşuň 74-75 ýaşyndadygy çaklanylýar.

## Gyzykly pursat



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## 10 tapawudy tapyň!







23-nji KROSSWORD



24-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Sygyr sürüsi. **2.** Bezzat. **3.** Halkara Boks Guramasy. **4.** X - XII asyrlarda Amul - Ürgenç aralygynda söwdagärleriň araçäk duralgasy. **5.** «Gyzyl» sözüniň iňlisçesi. **6.** «Şöhlat» sözüniň rusçasy. **7.** Pul birligi. **10.** Her bir zada razy. **11.** Hemişeki ýaly. **14.** Ygtyýarsyz, rugsatsyz. **16.** Ýabany doňuz. **20.** Bäbek gundalanda ulanylýan mata. **22.** Obalylaryň wekilleri tarapyndan saýlanýan oba häkimi. **23.** Gymmatly metallary suw astyndan çykarýan enjam. **25.** Deň esasda işlemek. **28.** Uçaryň bir görnüşi. **30.** Aýry-aýry awtorlaryň iň saýlama eserleriniň ýygyndysy. **31.** Ysgyn, güýç. **32.** Nesibe. **33.** Bir urugdan bolan. **37.** Gumda bitýän, çalymtyl reňkli, ownuk pürli gara sazak. **39.** Oglan ady. **41.** «Dost ilinden awaraýam,/Gel, gör, meni ... neýledi» (Ýunus Emre). **42.** Agyry, ynjy.

● **KESELIGINE:** **2.** Üzümiň inçe uzyn görnüşi. **8.** «Eje» sözüniň rusçasy. **9.** Oý, çöket ýer. **10.** Slawýan Täze ýyl baýramçylygy. **12.** Ýurdumyzda dynç alyş merkezi. **13.** Aýagyň tutuşlygyna ýere basýan aşak ýüzi. **15.** Bakja ekini. **17.** «Owlak dogsa, ... bile, ogul dogsa ody bile» (Paýhas çeşmesi). **18.** Birden, tasdan. **19.** Asmandan ýere düşýän suw damjalary. **21.** Gaýnaýan suwuklykdan çykýan ses. **24.** Süňk bilen oýnalýan milli oýun. **26.** Söwda-satyk bilen meşgullanýan adam. **27.** Nur, ýagtylyk. **29.** Galyň bolmadyk. **31.** Gyradeň, birsydyrgyn. **33.** Başarnyk. **34.** Ýer paýlaşygynda araçäge goýulýan bellik. **35.** Awstraliýanyň iň uly köli. **36.** Galyň pagta mata. **37.** Agyz beklemek däbi. **38.** Janypkeşlik bilen, çyn ýürekden. **40.** Biri-birine laýyk. **43.** Şaýylyk pul (köne söz). **44.** ...-bäri. **45.** Heýkel ýasaýan ussa.

16-njy skanwordyň jogaby:



# Myhmanlaryň üstünliginde geçen tapgyr

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 7-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 4 oýunda 15 gol geçirilip, 3 duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Köpetdag» toparyndan 7–1 hasabynda üstün çykdy. Turuwbaşdan erjel oýun görkezen «Arkadag» toparynyň gollaryny Wahyt Wahydow (18, ö.d.), Meýlis Diniýew (19, 60), Ylhas Toýjanow (23), Mirza Beknazarow (34,77) hem-de Begenç Akmämmedow (41) geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk golunu 80-nji minutda Mekan Amannyýazow öz adyna ýazdyrdy.

Paýtagtyň adybir topary «Aşgabat» hem öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 3–0 hasabynda asgyn geldi. «Ahal» toparyna 3 utuk gazandyran gollary 45+4-nji minutda Oraz Orazow, 50-nji minutda Süleýman Mirzoýew, 81-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Enwer Annaýew derwezä girizdi.

Myhmançylykda ýeňiş gazanan başga bir topar bolsa «Altyn Asyr» topary bolup, aragatnaşykçylar Balkanabatda «Nebitçini» Röwşengeldi Halmämmedowyň (28) hem-de Abdyrahman Annamyradowyň (90+4) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy.

Tapgyryň deňlikde tamamlanan ýeke-täk oýnunda «Şagadam» bilen «Merw» 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. Myhmanlardan Kemal Annamuhammedowyň 8-nji minutdaky goluna «Şagadam» topary 76-njy minutda Ýagşysähet Döwletgeldiýewiň goly bilen jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 7 | 7 | 0 | 0 | 24-4 | 21 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 7 | 5 | 1 | 1 | 13-2 | 16 |
| 3 | «AHAL» | 7 | 4 | 2 | 1 | 14-5 | 14 |
| 4 | «MERW» | 7 | 3 | 2 | 2 | 12--15 | 11 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 7 | 3 | 1 | 3 | 10--10 | 10 |
| 6 | «NEBITÇI» | 7 | 2 | 0 | 5 | 3--10 | 6 |
| 7 | «AŞGABAT» | 7 | 0 | 1 | 6 | 4--17 | 1 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 7 | 0 | 1 | 6 | 4--21 | 1 |

# UEFA final oýunlarynyň eminlerini kesgitledi

UEFA 20-30-njy maý aralygynda geçiriljek 4 klub ýaryşynyň final oýunlarynyň eminlerini mälim etdi. Futbol janköýerleriniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan duşuşygy – PSŽ bilen «Arsenalyň» arasyndaky UEFA Çempionlar Ligasynyň finalyna germaniýaly Daniel Sibert eminlik eder. Oňa watandaşlary Ýan Seidel bilen Rafael Foltyn ýardam berer. Şweýsariýaly Sandro Şerer oýnuň 4-nji emini bolsa, Bastian Dankert bilen Robert Şröder VAR-da oturar. Aşgabat wagty bilen 21:00-da başlanjak duşuşyk 30-njy maýda Budapeştde geçiriler.




20-nji maýda geçiriljek Ýewropa Ligasynyň finalynda fransiýaly Fransua Leteksie jürlewük çalar. «Fraýburg» bilen «Aston Willanyň» arasyndaky oýun Stambuldaky «Beşiktaş» stadionynda oýnalar.

23-nji maýda UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finaly geçirilip, Norwegiýanyň paýtagty Oslodaky «Ullevaal» stadionyndaky «Barselona» bilen «Lionyň» arasyndaky oýna şweýsariýaly Tess Olofsson eminlik eder.

27-nji maýda UEFA Konferensiýa Ligasynyň finalynda «Kristal Palas» bilen «Raýo Wallekano» duşuşar. Germaniýanyň Leipsig şäherindäki «Red Bull Arena»-da oýnaljak finalyň emini diýlip, italiýaly Maurizio Mariani bellenildi.

**20-nji maý (çarşenbe)**
**– UEFA Ýewropa Ligasynyň finaly**
Fraýburg — Aston Willa (00:00) — Fransua Leteksie (Fransiýa) — Beşiktaş stadiony, Stambul

**23-nji maý (şenbe)**
**– UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finaly**
Barselona — Lion (21:00) — Tess Olofsson (Norwegiýa) — Ullevaal stadiony, Oslo

**27-nji maý (çarşenbe)**
**– UEFA Konferensiýa Ligasynyň finaly**
Kristal Palas — Raýo Wallekano (00:00) — Maurizio Mariani (Italiýa) — Red Bull Arena, Leipsig

**30-njy maý (şenbe)**
**– UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly**
Pari Sen-Žermen — Arsenal (21:00) — Daniel Sibert (Germaniýa) — Puskas Arena, Budapeşt

# «Interiň» 10-njy kubogy

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda «Inter» topary ýeňiji boldy. «Serie A»-nyň hem çempionlygyny gazanan «Inter» paýtagt Rimdäki «Stadio Olimpico»-da oýnalan finalda «Lasiony» 2-0 hasabynda ýeňdi. «Intere» ýeňiş getiren gollary 14-nji minutda Marušiç (awtogol) bilen 35-nji minutda Lautara Martines geçirdi. Şunlukda, «Inter» 10-njy gezek Italiýanyň Kubogyny gazanyp, bu ugurda 15 ýeňşi bolan «Ýuwentusa» golaýlady. «Inter» topary mundan öň 1939-njy, 1978-nji, 1982-nji, 2005-nji, 2006-njy, 2010-njy, 2011-nji, 2022-nji, 2023-nji ýyllarda Italiýanyň Kubogyny gazanypdy.





# Guardioladan soň Okan Buruk

**Türkiýäniň çempionaty «Süper Lig»-de çempion möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda belli boldy. Sanawyň lideri «Galatasaraý» öz meýdançasynda «Antalýasporу» kabul edip, kynlyk bilenem bolsa 4-2 hasabynda ýeňmegi başardy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleriniň gollaryny Lemina (56), Osimhen (66 p, 88), Kaan Aýhan (90+5) derwezä girizse, 2 gezek öňe saýlanan myhman topary adyndan Soner Dikmen tapawutlandy (45+3, 62). Şunlukda, «Galatasaraý» topary bassyr 4-nji, umumylykda 26-njy çempionlygyny baýram etdi. Toparyň tälimçisi Okan Buruk hem futbolçy, hem-de tälimçi hökmünde yzly-yzyna 4 gezek çempionlyk gazanan 2-nji şahsyýet hökmünde hasaba alyndy. Okan Burukdan öň Pep Guardiola futbolçyka «Barselonada», tälimçilikde-de «Mançester Sitide» yzly-yzyna 4 gezek çempion bolmagy başarypdy. Okan Buruk bu başarnygy Ýewropanyň öňdebaryjy 10 çempionatynda diňe 1 klubda başaran ilkinji tälimçi hökmünde taryha girdi.**



# 40 ýyl garaşdyran çempionlyk

**Daniýanyň çempionaty «Superligada» çempion möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda belli boldy. «Brondbýu» toparyny Dalsgoryň 3-nji hem-de Kewin Ýakobyň 26-njy minutda geçiren gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňen «Orhus» topary, gysgaça AGF topary çempionlygyny yglan etdi. «Midtýullanndan» 4 utuk öňe saýlanan «Orhus» 40 ýyldan soň 6-njy çempionlygyny gazandy. Soňky gezek 1986-njy ýylda ýeňiji bolan «Orhus» çempionatyň ady «Superliga» diýip üýtgedilmeginden soň ilkinji gezek altyn medaly eýeledi. «Orhus» topary mundan öň 1955-nji, 1956-njy, 1957-nji, 1960-njy hem-de 1986-njy ýyllarda çempionlyk gazanypdy. Ýurduň iň uly 2-nji şäheriniň adybir topary 6 gezek çempionlyk gazanan 8-nji topar hökmünde hasaba alyndy.**



# «Şahtýor» «Dinamo» bilen deňleşdi

**Ukrainanyň çempionatynda «Şahtýor Donesk» topary möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda çempion boldy. 27-nji tapgyrda myhmançylykda «Poltawa» toparyny Kriskiwiň, Silwanyň (2) hem-de Traoreniň gollary bilen 4-0 hasabynda ýeňen «Şahtýor Donesk» 17-nji çempionlygyny baýram etdi. Şeýlelikde, «Şahtýor Donesk» bu ugurda «Dinamo Kiýew» bilen deňleşdi. Häzirki wagtda 2 toparyňam 17 çempionlygy bolup, olaryň ikiside 13 gezek 2-nji, 1 sapar hem 3-nji orny eýeledi. Türkiýeli Arda Turanyň türgenleşdirýän «Şahtýor Donesk» topary indiki möwsümde Çempionlar Ligasyna gönümel gatnaşar.**



# Derbide üstün çykyp, 14-nji çempionlygyny gazandy

**Gresiýanyň çempionaty «Super Ligada» çempion belli boldy. Möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, Afiny derbisinde AEK topary öz meýdançasynda «Panatinaikosy» 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 62-nji minutda Tetteh «Panatinaikosy» öňe geçirdi. Bu goldan 10 minut soň, ýagny 72-nji minutda Zini hasaby deňledi. 90+4-nji minutda portugaliýaly meşhur futbolçy Žoao Mario AEK-e hem ýeňiş, hem-de çempionlyk getiren goly derwezä girizdi. Şeýlelikde, AEK topary 2 ýyllyk arakesmeden soň, soňky 4 ýylda 2-nji, taryhyndaky 14-nji çempionlygyny gazandy.**

# «Barselona» «El Klasikoda» çempionlygyny baýram etdi

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» çempion El Klasikoda belli boldy. 35-nji tapgyryň çäginde geçirilen «La Ligadaky» 192-nji «El Klasikoda» «Barselona» topary öz meýdançasynda «Real Madridi» 1-nji ýarymda Markus Reşfordyň (8) hem-de Ferran Torresiň (18) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňmegi başardy. Bu ýeňişden soň utugyny 91-e çykaran «Barselona» topary madridlilerden möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, 14 utuk öňe saýlandy we çempionlygyny yglan etdi. Bassyr 2-nji, umumylykda 29-njy çempionlygyny gazanan «Barselona» bu görkeziji boýunça «Real Madride» (36 çempionlyk) ýene bir ädim golaýlady. Duşuşykdan öň kakasynyň aradan çykandygy barada ajy habary alan «Barselonanyň» tälimçisi Hansi Flik «Bundesligadan» soň «La Ligada» hem yzly-yzlyna 2-nji çempionlygyny gazandy.



«Barselonanyň» portugaliýaly futbolçysy Žoao Kanselo Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň 4-sinde çempionlyk gazanan ilkinji futbolçy boldy. Ol «Serie A»-da «Ýuwentusda» 1 (2018/19), «Premier Ligada» «Mançester Sitide» 3 (2020/21, 2021/22, 2022/23), «Bundesligada» «Bawariýada» 1 (2022/23) çempionlyk gazandy. 31 ýaşyndaky oýunçynyň Portugaliýada hem «Benfika» bilen çempionlygy bar. «Hetafe» bilen öz meýdançasynda golsuz deňme-deň oýnan «Owiedo» topary 1 ýyldan soň ýene-de 2-nji liga düşdi. Çempionatyň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, ligada galmak üçin 10 toparyň arasynda ýiti göreş dowam edýär.

«La Ligada» 36-njy tapgyrda «Barselona» myhmançylykda «Alawesden» Diabateniň (45+1) ýeke-täk goly esasynda asgyn gelip, çempionatda 11 oýundan soň ýeňildi. «Elçeni» 2–1 hasabynda ýeňen «Betis» 21 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy.

# PSŽ-niň bassyr 5-nji çempionlygy

**Fransiýanyň çempionatynda PSŽ çempionlygyny yglan etdi. 33-nji tapgyrda Parižde «Bresti» Desire Dueniň 82-nji minutda geçiren goly esasynda ýeňen PSŽ 29-njy tapgyryň galdyrylan oýnunda myhmançylykda 2-nji ýerde barýan «Lansdan» 2–0 hasabynda üstün çykdy. «Lansyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Kwarasheliýa bilen Mbaýe geçirip, PSŽ möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda bassyr 5-nji, umumylykda-da 14-nji çempionlygyny gazandy. PSŽ topary 2012/13 möwsüminden bäri diňe 2 gezek çempionlyk gazanyp bilmedi. Fransiýanyň çempionatynda 2017-nji ýylda «Monako», 2021-nji ýylda-da «Lill» toparlary çempion bolupdy.**






**PREMIER LEAGUE (36) — 22 gol**

**Liwerpul—Çelsi: 1–1** (Grawenberh 6 — Fernandes 35), **Braýton—Wulwerhempton: 3–0** (Hinşelwud 1, Dank 5, Minteh 86), **Sanderland—M. Ýunaýted: 0–0, Fulham—Bornmut: 0–1** (Raýan 53), **Mançester Siti—Brentford: 3–0** (Doku 60, Holann 75, Marmuş 90+2), **Börnli—Aston Willa: 2–2** (Entoni 8, Flemming 59 — Barkli 42, Watkins 56), **K. Palas—Ewerton: 2–2** (Sarr 34, Mateta 77 — Tarkowski 6, Beto 47), **N. Forest – Nýukasl: 1–1** (Anderson 88 — Barns 74), **West Ham—Arsenal: 0–1** (Trossar 83), **Tottenham—Lids: 1–1** (Tel 50 — Kalwert-Lýuwin 74 p)

**LA LIGA (36) — 24 gol**

**Selta—Lewante: 2–3** (Džutgla 4, 48 — Arriaga 43, Dela 57, Bruge 63), **Betis—Elçe: 2–1** (Kuço Hernandes 9, Fornals 68 — Fort 41), **Osasuna—Atletiko: 1–2** (Barha 90+1 — Lukman 15 p, Sörlot 71), **Wilýarreal—Sewilýa: 2–3** (Morena 13, Mikautadze 20 — Oso 36, Salas 45+2, Adams 72), **Espanýol—Atletik: 2–0** (Milýa 69, Kike Garsiýa 90+2), **Alawes—Barselona: 1–0** (Diabate 45+1), **Hetafe—Malýorka: 3–1** (Satriano 14, 41, Romero 63 — Maskarel 65), **Walensiýa—R. Wallekano, Žirona—R. Sosiedad, Real Madrid—Owiedo**

**SERIE A (36) — 28 gol**

**Torino—Sassuolo: 2–1** (Simeone 66, Pedersen 71 — Torstwedt 51), **Kaliari—Udineze: 0–2** (Buksa 56, Geýe 90+6), **Lasio—Inter: 0–3** (Martines 6, Suçiç 39, Mhitarýan 76), **Leççe—Ýuwentus: 0–1** (Wlahowiç 1), **Werona—Komo: 0–1** (Duwikas 71), **Kremoneze—Pisa: 3–0** (Wardi 31, Bonazzoli 51, Okereke 86), **Fiorentina—Jenoa: 0–0, Parma—Roma: 2–3** (Strefezza 47, Keita 87 – Malen 22, 90+11 p, Rensh 90+4), **Milan—Atalanta: 2–3** (Pawlowiç 88, Nkunku 90+4 p — Ederson 7, Zappakosta 29, Raspadori 52), **Napoli—Bolonýa: 2–3** (Di Lorenzo 45+2, Alisson 48 — Bernardeski 10, Orsolini 34 p, Rou 90+1)

**LIGUE 1 (33) — 19 gol**

**Lans—Nant: 1–0** (Soareş 79), **Anže—Strasbur: 1–1** (Koýýalipu 70 — Enkiso 45+3 p), **Le Hawr—Marsel: 0–1** (Grinwud 55 p), **Mets—Loriýan: 0–4** (Makengo 24, Dieng 84, Awom 90+7, Kadiu 90+8), **Monako—Lill: 0–1** (Zakariýa 72 ö.d.), **Oser—Nissa: 2–1** (Mara 27, Sinaýoko 70 — Diop 9), **PSŽ—Brest: 1–0** (Due 82), **Renn—Pariž: 2–1** (Lepol 74, Embolo 75 – Žebbel 53), **Tuluza—Lion: 2–1** (Metali 10, Kamanzi 78 — Tolisso 71)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 36 | 24 | 7 | 5 | 68-26 | 79 |
| 2 | MAN. SITI | 36 | 23 | 8 | 5 | 75-32 | 77 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 36 | 18 | 11 | 7 | 63-48 | 65 |
| 4 | LIWERPUL | 36 | 17 | 8 | 11 | 60-48 | 59 |
| 5 | ASTON WILLA | 36 | 17 | 8 | 11 | 50-46 | 59 |
| 6 | BORNMUT | 36 | 13 | 16 | 7 | 56-52 | 55 |
| 7 | BRAÝTON | 36 | 14 | 11 | 11 | 52-42 | 53 |
| 8 | BRENTFORD | 36 | 14 | 9 | 13 | 52-49 | 51 |
| 9 | ÇELSI | 36 | 13 | 10 | 13 | 55-49 | 49 |
| 10 | EWERTON | 36 | 13 | 10 | 13 | 46-46 | 49 |
| 11 | FULHAM | 36 | 14 | 6 | 16 | 44-50 | 48 |
| 12 | SANDERLAND | 36 | 12 | 12 | 12 | 37-46 | 48 |
| 13 | NÝUKASL | 36 | 13 | 7 | 16 | 50-52 | 46 |
| 14 | LIDS | 36 | 10 | 14 | 12 | 48-53 | 44 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 36 | 11 | 11 | 14 | 38-47 | 44 |
| 16 | N. FOREST | 36 | 11 | 10 | 15 | 45-47 | 43 |
| 17 | TOTTENHAM | 36 | 9 | 11 | 16 | 46-55 | 38 |
| 18 | WEST HAM | 36 | 9 | 9 | 18 | 42-62 | 36 |
| 19 | BÖRNLI | 36 | 4 | 9 | 23 | 37-73 | 21 |
| 20 | W. HEMPTON | 36 | 3 | 9 | 24 | 25-66 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 26 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 22 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 16 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 15 |
| 5 | Wiktor GÝOKEREŞ (Arsenal) | 14 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA (Ç) | 36 | 30 | 1 | 5 | 91-32 | 91 |
| 2 | REAL MADRID | 35 | 24 | 5 | 6 | 70-33 | 77 |
| 3 | WILÝARREAL | 36 | 21 | 6 | 9 | 67-43 | 69 |
| 4 | ATLETIKO M | 36 | 20 | 6 | 10 | 60-39 | 66 |
| 5 | BETIS | 36 | 14 | 15 | 7 | 56-44 | 57 |
| 6 | SELTA | 36 | 13 | 11 | 12 | 51-47 | 50 |
| 7 | HETAFE | 36 | 14 | 6 | 16 | 31-37 | 48 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 35 | 11 | 11 | 13 | 54-55 | 44 |
| 9 | ATLETIK B | 36 | 13 | 5 | 18 | 40-53 | 44 |
| 10 | SEWILÝA | 36 | 12 | 7 | 17 | 46-58 | 43 |
| 11 | R. WALLEKANO | 35 | 10 | 13 | 12 | 36-42 | 43 |
| 12 | OSASUNA | 36 | 11 | 9 | 16 | 43-47 | 42 |
| 13 | WALENSIÝA | 35 | 11 | 9 | 15 | 38-50 | 42 |
| 14 | ESPANÝOL | 36 | 11 | 9 | 16 | 40-53 | 42 |
| 15 | ALAWES | 36 | 10 | 10 | 16 | 42-54 | 40 |
| 16 | ELÇE | 36 | 9 | 12 | 15 | 47-56 | 39 |
| 17 | MALÝORKA | 36 | 10 | 9 | 17 | 44-55 | 39 |
| 18 | LEWANTE | 36 | 10 | 9 | 17 | 44-59 | 39 |
| 19 | ŽIRONA | 35 | 9 | 12 | 14 | 37-52 | 39 |
| 20 | OWIEDO | 35 | 6 | 11 | 18 | 26-54 | 29 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 24 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 22 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 17 |
| 4 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 16 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 36 | 27 | 4 | 5 | 85-31 | 85 |
| 2 | NAPOLI | 36 | 21 | 7 | 8 | 54-36 | 70 |
| 3 | ÝUWENTUS | 36 | 19 | 11 | 6 | 59-30 | 68 |
| 4 | MILAN | 36 | 19 | 10 | 7 | 50-32 | 67 |
| 5 | ROMA | 36 | 21 | 4 | 11 | 55-31 | 67 |
| 6 | KOMO | 36 | 18 | 11 | 7 | 60-28 | 65 |
| 7 | ATALANTA | 36 | 15 | 13 | 8 | 50-34 | 58 |
| 8 | BOLONÝA | 36 | 15 | 7 | 14 | 45-43 | 52 |
| 9 | LASIO | 36 | 13 | 12 | 11 | 39-37 | 51 |
| 10 | UDINEZE | 36 | 14 | 8 | 14 | 45-46 | 50 |
| 11 | SASSUOLO | 36 | 14 | 7 | 15 | 44-46 | 49 |
| 12 | TORINO | 36 | 12 | 8 | 16 | 41-59 | 44 |
| 13 | PARMA | 36 | 10 | 12 | 14 | 27-45 | 42 |
| 14 | JENOA | 36 | 10 | 11 | 15 | 40-48 | 41 |
| 15 | FIORENTINA | 36 | 8 | 14 | 14 | 38-49 | 38 |
| 16 | KALIARI | 36 | 9 | 10 | 17 | 36-51 | 37 |
| 17 | LEÇÇE | 36 | 8 | 8 | 20 | 24-48 | 32 |
| 18 | KREMONEZE | 36 | 7 | 10 | 19 | 30-53 | 31 |
| 19 | WERONA | 36 | 3 | 11 | 22 | 24-58 | 20 |
| 20 | PISA | 36 | 2 | 12 | 22 | 25-66 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 17 |
| 2 | Doniell MALEN (Roma) | 13 |
| 3 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 13 |
| 4 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 12 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 33 | 24 | 4 | 5 | 73-27 | 76 |
| 2 | LANS | 33 | 21 | 4 | 8 | 62-35 | 67 |
| 3 | LILL | 33 | 18 | 7 | 8 | 52-35 | 61 |
| 4 | LION | 33 | 18 | 6 | 9 | 53-36 | 60 |
| 5 | RENN | 33 | 17 | 8 | 8 | 58-47 | 59 |
| 6 | MARSEL | 33 | 17 | 5 | 11 | 60-44 | 56 |
| 7 | MONAKO | 33 | 16 | 6 | 11 | 56-49 | 54 |
| 8 | STRASBUR | 33 | 14 | 8 | 11 | 53-43 | 50 |
| 9 | LORIÝAN | 33 | 11 | 12 | 10 | 48-49 | 45 |
| 10 | TULUZA | 33 | 12 | 8 | 13 | 47-46 | 44 |
| 11 | PARIŽ | 33 | 10 | 11 | 12 | 45-49 | 41 |
| 12 | BREST | 33 | 10 | 8 | 15 | 42-54 | 38 |
| 13 | ANŽE | 33 | 9 | 8 | 16 | 28-47 | 35 |
| 14 | LE HAWR | 33 | 6 | 14 | 13 | 30-44 | 32 |
| 15 | OSER | 33 | 7 | 10 | 16 | 32-44 | 31 |
| 16 | NISSA | 33 | 7 | 10 | 16 | 37-60 | 31 |
| 17 | NANT | 33 | 5 | 8 | 20 | 29-52 | 23 |
| 18 | METS | 33 | 3 | 7 | 23 | 32-76 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Esteban LEPOL (Renn) | 20 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 16 |
| 3 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 16 |
| 4 | Folarin BALOGAN (Monako) | 13 |
| 5 | Odsonn EDUAR (Lans) | 12 |

# «Arsenal» üçin «şu ýylyň şol ýyl» bolmagyna 2 ýeňiş galdy

Angliýanyň çempionatynda «Arsenalyň» «şu ýyl şol ýyl» diýen aýtga eýe bolmagy üçin 2 duşuşygy galdy. Başgaça aýdylanda, çempionlyk öz elinde bolup, topçulara galan 2 tapgyrda ýeňiş gazanmak ýeterlik bolar. «Arsenal» 36-njy tapgyrda London derbisinde «West Hamy» Trossaryň 83-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. Duşuşygyň soňky minutlarynda «West Hamyň» geçiren goly oýnuň düzgüni bozulandygy sebäpli VAR ulgamy arkaly hasaba alynmady.



31-nji tapgyryň galdyrylan oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Kristal Palasy» Semenýo (32), Marmuş (40) hem-de Sawinionyň (84) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, sanawyň lideri «Arsenal» bilen «Mançester Sitiniň» arasynda 2 utuk aratapawut bolup, utuklar deň bolan ýagdaýynda gol aratapawudy boýunça şäherliler öňde barýar. 37-nji tapgyrda «Arsenal» öz meýdançasynda aşaky liga düşen «Börnlini» kabul etse, «Mançester Siti» 16 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bornmutyň» myhmany bolar. 38-nji tapgyrda «Arsenal» myhmançylykda «Kristal Palas» bilen, «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Aston Willa» bilen duşuşar.

36-njy tapgyrda «Liwerpul» bilen «Çelsiniň» arasyndaky oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady.

* * *

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da 35-nji tapgyrda 21-nji çempionlygyny yglan eden «Inter» 36-njy tapgyrda myhmançylykda «Lasiony» Martinesiň (6), Suçiçiň (39) hem-de Mhitarýanyň (76) gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňdi. «Ýuwentus» myhmançylykda «Leççeni» Wlahowiçiň 1-nji minutda geçiren goly bilen 1-0 hasabynda utdy. Öz meýdançasynda «Atalanta» bilen duşuşan «Milan» 3–2 hasabynda asgyn geldi. Bu olaryň bassyr 2-nji, soňky 8 duşuşykdaky 5-nji ýeňlişi boldy. Edersondyr Zappakostanyň hem-de Raspadoriniň gollary bilen 3–0 hasabynda öňe geçen «Atalanta» toparyna «Milan» soňky minutlarda Pawlowiçiň hem-de Nkunkunyň gollary esasynda jogap berse-de, bu olara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Edil şonuň ýaly hasap bilen tamamlanan oýunda «Roma» myhmançylykda «Parmany» 3–2 hasabynda utdy. Duşuşykda «Roma» 90+4-nji we 90+11-nji minutlarda 2 gol geçirip, ýeňşini baýram etdi.




**15-nji maý (anna)**
**Aston Willa – Liwerpul (00:00)**

**16-njy maý (şenbe)**
**Seltik – Harts (16:30)**
Sankt-Pauli – Wolfsburg (18:30)
**Çelsi – Man. Siti (19:00)** final

**17-nji maý (ýekşenbe)**
**Roma – Lasio (15:30)**
Pisa – Napoli (15:30)
Ýuwentus – Fiorentina (15:30)
**Jenoa – Milan (15:30)**
M. Ýunaýted – N. Forest (16:30)
**Nýukasl – West Ham (21:30)**
**Rostow – Zenit (20:00)**
**Krasnodar – Orenburg (20:00)**
Sewilýa – Real Madrid (22:00)
Atletiko – Žirona (22:00)
Kasympaşa – Galatasaraý (22:00)
**Al-Nassr – Gamba Osaka (22:45)** final
Pariž – PSŽ (00:00)
Lion – Lans (00:00)
Strasbur – Monako (00:00)
Barselona – Betis (00:15)

**18-nji maý (duşenbe)**
**Arsenal – Börnli (00:00)**

**19-njy maý (sişenbe)**
**Bornmut – Man. Siti (23:30)**
**Çelsi – Tottenham (00:15)**

**20-nji maý (çarşenbe)**
**Fraýburg – Aston Willa (00:00)** final



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

CNPC

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
## СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

***Уважаемый господин Президент!***

От имени филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) в Туркменистане примите искренние поздравления по случаю Дня Конституции и Государственного флага Туркменистана!

Эти знаменательные даты символизируют суверенитет, стабильность и неуклонное развитие Туркменистана, отражают стремление народа к миру, благополучию и процветанию. Конституция служит прочной основой государственности и правопорядка, а Государственный флаг олицетворяет национальную гордость, единство и светлое будущее страны.

Мы высоко ценим дружественные отношения и плодотворное сотрудничество между CNPC и Туркменистаном, основанные на взаимном доверии и уважении. Уверены, что наше партнерство будет и впредь успешно развиваться на благо обеих сторон.

Желаем Вам крепкого здоровья, благополучия и дальнейших успехов в Вашей ответственной государственной деятельности, а народу Туркменистана — мира, стабильности и процветания.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) в Туркменистане.**

BOUYGUES TÜRKMEN

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

«Buig Türkmen» şereketiniň agzybir işgärleri Sizi we bütin türkmen halkyny Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Döwlet baýdagy döwletliligiň esasy nyşanlary hökmünde halkyň erk-islegini we agzybirligini, onuň baý taryhyny we ruhy mirasyny, şeýle hem Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, parahatçylyk we döredijilikli maksatlaryna ygrarlylygyny özünde jemleýär. Olar ýurduň özygtyýarlylygynyň, syýasy durnuklylygynyň we yzygiderli ösüşiniň ygtybarly binýady bolup hyzmat edýär hem-de halkara giňişligindäki parahatçylyk söýüji, Garaşsyz we depginli ösýän döwlet hökmündäki abraýyny berkidýär.

Ýurtda alnyp barylýan oýlanyşykly we uzak geljegi nazarlaýan döwlet syýasaty ykdysady kuwwatyň hem-de durmuş durnuklylygynyň berkidilmegine, şeýle hem ösüşiň daşky gurşawa aýawly çemeleşmek arkaly sazlaşykly utgaşmagyna gönükdirilen durnukly ösüş strategiýasynyň yzygiderli amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

Durmuşa geçirilýän giň gerimli infrastruktura we gurluşyk taslamalary öňde goýlan maksatlara ýetilmeginiň aýdyň subutnamasydyr hem-de halkyň abadançylygynyň mundan beýläk-de ýokarlanmagyna we ýurduň durnukly rowaçlanmagyna hyzmat edýär.

**Şu şanly baýramçylyk gününde «Buig Türkmen» şereketiniň işgärler toparynyň adyndan Size berk jan saglyk, egsilmez gujur-gaýrat, parahatçylyk, abadançylyk hem-de Türkmenistanyň we onuň edermen halkynyň bähbidine alyp barýan ähli işleriňizde täze üstünlikleri arzuw edýäris!**

**Çuňňur hormatlamak hem-de hoşallyk bilen,**

**«BUIG TÜRKMEN»**
**şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri**

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
## ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Коллектив компании «Буиг Туркмен» выражает Вам, а также всему народу Туркменистана искренние поздравления по случаю Дня Конституции Туркменистана и Дня Государственного флага Туркменистана.

Конституция Туркменистана и Государственный флаг Туркменистана, являясь ключевыми символами государственности, воплощают волю и единство народа, его богатое историческое и духовное наследие, а также приверженность идеалам независимости, нейтралитета, мира и созидания. Они служат надёжной основой суверенитета, политической стабильности и поступательного развития страны, укрепляя её авторитет на международной арене, как миролюбивого, независимого и динамично развивающегося государства.

Проводимая взвешенная и дальновидная государственная политика обеспечивает последовательную реализацию стратегии устойчивого развития, направленной на укрепление экономического потенциала и социальной стабильности при гармоничном сочетании прогресса с заботой об окружающей среде. Реализуемые масштабные инфраструктурные и строительные проекты наглядно свидетельствуют о достижении поставленных целей и служат дальнейшему повышению благосостояния народа и устойчивому процветанию страны.

**В этот знаменательный день примите от коллектива компании «Буиг Туркмен» самые тёплые и сердечные пожелания крепкого здоровья, неиссякаемой энергии, мира, благополучия и новых успехов во всех начинаниях во благо Туркменистана и его доблестного народа!**

**С глубоким уважением и признательностью,**

**Руководство и коллектив компании**
**«БУИГ ТУРКМЕН»**

AGRi

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
## HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

Watanymyzyň mukaddes nyşanlary türkmen halkynyň agzybirligini, buýsanjyny hem-de mertebesini alamatlandyrýan mukaddes gymmatlyklardyr.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
## HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlamak we Size iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmek isleýäris.

Şu baýramçylygyň agzybirlikde bellenmegi halkymyzyň jebisligini görkezip, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösjekdigine, abraýynyň dünýä ýüzünde berkejekdigine uly ynam döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, jogapkärli wezipäňizde uly üstünlikler, Türkmenistana gülläp ösüş, halkymyza bolsa bagt we abadançylyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
## HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Umumymilli baýramçylyk — Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli Sizi tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys! Bu sene Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň kabul edilmeginiň senesini we Döwlet baýdagynyň gününi özüne birleşdirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Häzirki wagtda ata-babalarymyzyň berkarar döwlet, watansöýüjilik, ynsanperwerlik, dost-doganlyk, agzybirlik, mertlik, batyrlyk, gaýduwsyzlyk ýaly ýörelgeleri örän parasatlylyk bilen dowam etdirilýär. Şeýle asylly ýörelgeleriň dowam etdirilýändigi üçin ähli halkymyz bilen bilelikde Size alkyş aýdýarys!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

DOS "Dost gurluşyk, söwda, önümçilik" H.J.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
## HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Watandaşlarymyzyň bu şanly senä bolan garaýşy aýratyndyr. Bu sene halkymyzy has-da jebisleşdirip, watançylyk duýgusyny artdyrýar, döredijilik ylhamyny joşdurýar. Bu baýramçylyga goýulýan belent sarpa ata-babalarymyzyň asuda toprakda erkin ýaşamak we zähmet çekmek barada arzuwlan bagtyna eýe bolan türkmenistanlylaryň Garaşsyz Watanymyza buýsanç duýgularyny artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DOST GURLUŞYK, SÖWDA, ÖNÜMÇILIK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan Prezident!**

Kompaniýanyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmenistanlylary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli gutlaýarys! Size halkyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bolsa bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EDC ROMFOR LIMITED»**
**kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Президент!**

Компания поздравляет Вас и весь туркменский народ с праздником — Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана! Желаем Вам успешной работы в деле повышения благосостояния туркменского народа и укрепления авторитета Туркменистана на международной арене, а народу Туркменистана счастья и благополучия.

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании**
**«EDC ROMFOR LIMITED».**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan Prezident!** Kompaniýanyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmenistanlylary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli gutlaýarys! Size halkyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bolsa bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Jim FROWNFELTER,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOV**

**Esteemed President!** We warmly congratulate to You and all turkmen people celebration aniversary — Day of Constitution and State Flag of Turkmenistan! We wish good health, long life, success to the highly-esteemed President of Turkmenistan and prosperity, flourishing life and bright future to the turkmen people!

**With best regards,**

**Jim FROWNFELTER,**
**CEO «Speedcast».**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň köňül şatlygyna, eşretli döwranlaryň egsilmez ajaýyplyklaryna beslenip, uludan tutulýan toýdur dabaralaryň şowhun-şatlygy bütin dünýä ýaň salýar. Döwletimiziň barha kuwwatlanmagy, halkymyzyň bolelinlikde, abadan ýaşamagy üçin çekýän ýadawsyz zähmetiňiz bilen ýurdumyzda alnyp barylýan dünýä derejeli işleriň has-da rowaçlanjakdygy biziň kalplarymyzda çäksiz buýsanç hem guwanç döredýär.

Siziň alyp barýan işleriňiz ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki abraýynyň artmagyna ýardam edýär we halkymyzyň ajaýyp geljeginiň hatyrasyna täze işler bilen dabaralanýar. Ýurdumyzyň Baş Kanuny bolsa türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, olary has-da pugtalandyrdy. Döwletimiziň mizemez hukuk binýady bolan Konstitusiýamyz halkymyzyň agzybirlik, demokratiýa, watançylyk we adalatlylyk hakyndaky köpasyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňiziň rowaçlanmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»**
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi giňden bellenýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Konstitusiýa — bu Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Esasy Kanuny we berk binýadydyr. Konstitusiýa ýokary depginler bilen gülläp ösýän, kuwwatly we berkarar döwletiň beýik gazananlarynyň sarsmaz hukuk binýady bolup durýar.

Sizi ählihalk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez bagt, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe at-owazasy dünýä dolýan Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.»**
**kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Многоуважаемый Президент Туркменистана!**

Коллектив компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» от всего сердца поздравляет Вас в честь Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана!

Конституция — это Основной Закон, в котором закреплены незыблемые правовые основы Независимого, Нейтрального Туркменистана. Ее ключевые положения служат прочным законодательным фундаментом грандиозных успехов и достижений процветающей, экономически мощной страны.

Еще раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, счастья и благоденствия, больших успехов в проводимой работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана, неуклонно укрепляющей и приумножающей в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства свой авторитет на международной арене.

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании**
**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.»**
**в Туркменистане.**

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ata-babalarymyzyň ynsanperwer wesýetleri, sarsmaz türkmen döwleti baradaky arzuwlary halkymyzyň kalbynyň owazy, ruhy-ahlak we akyl mekdebidir. Siziň iň ýokary döwlet wezipesinde alyp barýan işleriňiz ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny mundan beýläk-de berkitmäge, dünýä ýüzündäki abraýynyň artmagyna ýardam edýär we halkymyzyň ajaýyp geljeginiň hatyrasyna täze işler bilen dabaralanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**


ZAMAN TÜRKMENISTAN
international media

«Zaman-Türkmenistan» – täzelikleriň çeşmesi

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň II ýarymy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.






Tel.: (+99312) 28-14-05/36

web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm